# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – ÝAGŞY ARZUW-NIÝETLER, BELENT MAKSATLAR BILEN GARŞY ALAN TÄZE ÝYLYMYZ IL-ÝURT BÄHBITLI ROWAÇLYKLARYŇ ÝYLY BOLAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
5-nji ýanwar, 2024. Belgisi 1/1567



# TÄZE ÝYL TARYHYŇ ALTYN SAHYPASYNA ÖWRÜLER

Agzybir halkymyz Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylyny ýokary üstünliklerdir beýik işlere besläp, netijeli görkezijiler, zähmet ýeňişleri bilen tamamlady. Bu şanly ýyl Watanymyzyň ýüregi – merjen paýtagtymyz Aşgabatda, döwlet ähmiýetli Arkadag şäherinde, ýurdumyzyň welaýatlarynda taryhy wakalara, döwletli tutumlara baý boldy. Uly üstünlikler bilen tamamlanan 2023-nji ýyl aýratyn hem ýaşlaryň durmuşynda ýatda galyjy şanly wakalara beslendi.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halky Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň şöhratly işlerini dowamata atarjak Täze, 2024-nji ýyly şatlyk we dabara bilen garşylady. Iki ýylyň sepgidinde Garaşsyz Watanymyzyň çar künjegi baýramçylyk keşbine beslenip, ýokary ruhubelentlik ýagdaýy emele geldi.

Täze – 2024-nji ýylyň şanyna ýurdumyzyň ähli künjeklerinde joşgunly baýramçylyk dabaralary ýaýbaňlandyryldy.

Baýramçylyk dabaralary türkmen toýlaryna mahsus köpöwüşginli çykyşlar bilen utgaşdy. Ony medeniýet işgärleri, sungat ussatlary ýörite taýýarlanan aýdym-sazlary, joşgunly tanslary bilen bezediler. Uly joşgun bilen ýerine ýetirilen çykyşlarda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň waspy öz beýanyny tapdy. Il-sylagly ýaşulular, kümüş saçly eneler hormatly Prezidentimizi, şeýle hem ähli halkymyzy ýetip gelen Täze ýyl bilen mähirli gutlap, iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

Geçen ýylyň soňky günlerinde akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» goşgusyndan ugur alyp, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň wekillerinden, ýurdumyzyň iri jemgyýetçilik birleşiklerinden, zähmet toparlaryndan we raýatlarymyzdan gelip gowşan teklipler göz öňünde tutulyp, Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary bilen Täze – 2024-nji ýyl ýurdumyzda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edildi.

Şu ýyl diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, dünýäniň ençeme döwletlerinde akyldar şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllygy dabaraly ýagdaýda belleniler. Ýylyň adynyň hem akyldar şahyryň ady bilen baglanyşdyrylmagy halkymyzyň buýsanç duýgularyny goşalandyrdy.

Hormatly Prezidentimiz türkmen halkyna Täze ýyl gutlagynda: «Mähriban Watanymyza buýsanjymyzy, aýdyň maksatlarymyzy belentde tutup, biz ýetip gelen 2024-nji ýyla «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýip at berdik. Gahryman Arkadagymyzyň öz şygrynda belleýşi ýaly, biziň her birimiz üçin akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy pähim-paýhas ummanydyr.

Biz täze ýylda-da eziz Watanymyzy bagtyýarlygyň we rowaçlygyň mekanyna öwürmek ugrunda yhlas bilen zähmet çekeris» diýip belleýär.

Täze ýylyň öňüsyrasynda hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ilkinji kitabynyň çapdan çykmagy hem halkymyzyň we ýaş nesilleriň toý şatlygyny artdyrdy.

Döwlet Baştutanymyzyň ýaşlaryň ýaşaýyş-durmuşyna, ähli ugurlarda gazanan üstünliklerine bagyşlap ýazan bu eseri çuňňur many-mazmuna eýedir. Şöhratly ýylymyzyň şanly wakalaryndan söz açýan setirler bizi hiç wagt hakydalardan öçmejek şol taryhy pursatlara hemra edýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz täze kitabynda: «Ynsanyň abraý-mertebesi, gadyrgymmaty zähmeti bilen kesgitlenýär. Beýik maksatlara ýetmek üçin her bir ýaş ynsan zähmeti baýdak edinmelidir» diýip belleýär.

«Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly eser ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady we medeni durmuşyna, eziz Watanymyzyň halkara giňişlikdäki abraýyny has-da belende galdyrmak boýunça amala aşyrylýan işlere işjeň gatnaşýan ýaşlar üçin ruhy goldaw bolar.

2024-nji «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy ýurdumyzda we dünýäde uludan tutular.

Türki medeniýetiň halkara guramasynyň – TÜRKSOÝ-yň hemişelik geňeşiniň mejlisinde 2024-nji ýyl «Beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edildi. Akyldaryň golýazmalar toplumynyň BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi, şonuň ýaly-da Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygynyň 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyndan orun almagy hemmelerde ýakymly täsir galdyrdy.

Umuman, ak mermerli paýtagtymyz bilen birlikde ýurdumyzyň şäherdir obalarynda şowhunly baýramçylyk dabaralary geçirilip, her bir öýde, her bir maşgalada ýagşy arzuwlar, şatlykly pursatlar bilen Täze ýyl garşy alyndy. Täze, 2024-nji ýylda hem ata Watanymyzyň şan-şöhratyny belende göterjek, ildeşlerimizi täze sepgitlere ruhlandyrjak beýik işler batly depginde dowam etdiriler. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli beýik işleriniň netijesinde ata Watanymyzyň abraýy Ýer ýüzünde has-da belende galar.

## Döwletli tutumlar üstünliklere badalga



«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» şygary astynda geçen 2023-nji ýyl syýasy we ykdysady ugurlarda, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine tarap döredijilik ýoly bilen öňe barýan halkymyzyň medeni we ruhy durmuşynda gazanylan uly üstünlikler bilen ýurdumyzyň ýyl ýazgysyna ýazyldy.

Geçen ýylda gazanylan üstünlikler, ýetilen sepgitler diňe bir ýylyň däl, eýsem, tutuş döwrüň ruhuna, zamananyň ynamly gadamlaryna göz ýetirmäge hem mümkinçilik berýär. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly başy başlanan asylly işleriň mynasyp dowam etdirilýän hem-de köpugurly täze belentlikler nazarlanýan, giň mümkinçilikleriň açylýan döwri bolup taryhymyza girdi.

Her güni uly üstünliklere beslenen Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň soňky günlerinde şaýat bolan şatlykly wakalarymyz halkymyzyň Täze ýyl baýramçylyk ruhuny göterdi. ■ 3

## Geçen ýylyň möhüm wakalary



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edilen 2023-nji ýyl uly üstünliklere beslenip tamamlandy. Türkmen halky «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçjek 2024-nji ýyla gadam basdy. Tamamlanan ýylda ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarynda köp sanly taryhy wakalar boldy. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde durmuş-medeni maksatly binalaryň köp sanlysy ulanmaga berildi.

### 2023-nji ÝYLYŇ ÝATDA GALAN WAKALARY:

☑ 2023-nji ýylyň esasy wakalarynyň biri ýurdumyzda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döredilmegi boldy. Merdana ata-babalarymyzyň parasatly wesýetlerine we asylly ýörelgelerine eýerip hem-de türkmen halkynyň döwleti dolandyrmakda toplan taryhy tejribesine daýanyp döredilen Halk Maslahatynyň Başlygy wezipesine Milli Liderimiziň saýlanmagy türkmen halkynyň şatlygyny goşalandyrdy. ■ 3

## Bagtyýar çagalara baýramçylyk sowgady

1-nji ýanwarda Döwletliler köşgüniň baýramçylyk ruhunda bezelen zalynda Täze ýyl mynasybetli dabara geçirilip, Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalara hormatly Prezidentimiziň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyndan sowgatlar gowşuryldy.



Ýaş nesli hemmetaraplaýyn terbiýelemek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň esasy maksatlarynyň biridir. Hut çagalyk döwründe şahsyýetiň esasy häsiýetleri, ahlak gymmatlyklary, Watana bolan söýgüsi, milli däp-dessurlara hormaty, ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgelerine ygrarlylygy kemala gelýär. Çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde we mekdep-internatlarda terbiýelenýän ýaş türkmenistanlylaryň döwrebap bilim almaklary üçin mümkinçilikleri döretmek hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna, ynsanperwer ýörelgelere esaslanýan döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir.

Ýurdumyzda howandarlyga mätäç çagalar yzygiderli üns-alada bilen gurşalýar. Bu babatda halkymyz asyrlaryň dowamynda nesilden-nesle geçip gelýän ýörelgeleri kemala getiripdir. Häzirki döwürde bu ýörelgeler çagalaryň jemgyýetde mynasyp ornuny tapmagyna gönükdirilen hukuk kepillikleriniň toplumynda öz beýanyny tapýar. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işlerine wajyp orun degişlidir. Munuň özi Garaşsyz, Bitarap Watanymyzda ýaş nesliň aýratyn üns-alada bilen gurşalýandygynyň aýdyň güwäsidir.

Şol gün uly arçanyň ýanynda baýramçylyk ýagdaýy emele geldi. Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalary Täze ýyl baýramçylygy bilen gutlamak üçin bu ýere Aýazbaba we Garpamyk gelipdirler. ■ 2



### Syýahat edilmeli ýerleriň sanawy

Okyjylary syýahatçylyk habarlary bilen tanyşdyrýan «CNN Travel» 2024-nji ýylda görülmegi maslahat berilýän ýerleriň sanawyny taýýarlady. Sanawda syýahatçylaryň esasy barýan ýerlerinden başga-da, baranyňa degýän ýerler bar. 2



### Eýranyň BRICS-e agzalygy resmi taýdan başlandy

Eýranyň Daşary işler ministrliginiň metbugat sekretary Naser Kenani öz ýurdunyň BRICS-e agzalygynyň 1-nji ýanwarda resmi taýdan başlandygyny belledi. 4



### Tötänleýin oýlanyp tapylan iýmitler

Dünýäde häzirki wagtda ulanylýan dürli gurallaryň, maddalaryň, derman serişdeleriniň we beýleki zatlaryň köpüsi tötänleýin diýen ýaly oýlanyp tapylýar. Olaryň arasynda iýmit önümleri hem bar. 5



### AFK Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi

Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpurda AFK Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, Günbatar zolakda Özbegistanyň «Nasaf» topary BAE-niň «Al-Ain» topary bilen bije çekişdi. 7

# BAGTYÝAR ÇAGALARA BAÝRAMÇYLYK SOWGADY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Çagalaryň baýramçylyk şatlygyny paýlaşmaga Mejlisiň, Halk Maslahatynyň, degişli ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri hem geldiler.

Ýaş zehinli çagalar dabara gatnaşýan myhmanlaryň öňünde konsert maksatnamasy boýunça çykyş edip, öz döredijilik başarnyklaryny görkezdiler. Bezelen arçanyň ýanynda çagalar goşgy okadylar, joşgunly tanslary, eziz Watanymyzy, döwlet Baştutanymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň durmuşa geçirýän beýik işlerini wasp edýän, şeýle-de Täze ýyl baýramçylygyna bagyşlanan aýdymlary ýerine ýetirdiler. Konsertiň ahyrynda ýaş zehinler Aýazbaba we Garpamyk, türkmen halk döredijiliginiň, dünýä halklarynyň ertekileriniň gahrymanlary bilen bilelikde owadan arçanyň daşyndan aýlanyp, aýdym aýtdylar.



Hormatly Prezidentimiziň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyndan sowgatlaryň gowşurylmagy çagalaryň toý şatlygyny has-da artdyrdy.

Dabaranyň ahyrynda Döwletliler köşgünde terbiýelenýänler döwlet Baştutanymyza we Gahryman Arkadagymyza özleri barada edilýän yzygiderli alada üçin tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan edip, Täze ýyl mynasybetli iň gowy arzuwlaryny, gutlaglaryny aýtdylar.

* * *

Arkadag şäheriniň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde Täze ýyl baýramçylygyna bagyşlanan köpöwüşginli çäre-de ýakymly pursatlara baý boldy. Dabarada türkmen halk ertekileriniň gahrymanlarynyň çykyşlary çagalar tarapyndan uly şowhun bilen garşylandy. Bu ýerde saglygyny dikeldýän çagalara hem-de merkeziň çäginde hereket edýän çagalar bagynyň körpelerine uly dabaralara beslenip gelen «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly mynasybetli Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan Täze ýyl sowgatlary gowşuryldy.

## Persiz ýel turbinasy

Şotlandiýanyň «Katrick Technologies» kompaniýasy, esasan, şäher ýerlerinde gurmaga niýetlenen, güýçli ýel bolmasa-da energiýa öndürmäge mümkinçilik berýän ýel turbinasyny işläp taýýarlady.



Altyburçluk şekilli gözenekleri bolan enjam binalaryň ýa-da beýleki desgalaryň ýokarsyna oturdylyp bilner. Her bir altyburçlugyň içinde perler bar. Olar ýeliň güýji bilen aýlanyp elektrik energiýasyny öndürýär. Inženerler nusgalyk görnüşdäki täze ýel bekedi arkaly tizligi sekuntda 12 metr bolan ýelde 25-40 W aralygynda elektrik energiýasyny alyp boljakdygyny belleýärler. Täze enjamyň köpçülikleýin önümçiliginiň başlanjak wagty mälim edilmedi.

## Garaşylandan köp uçar öndürdi

Ýewropanyň ýolagçy uçarlaryny öndürýän «Airbus» kompaniýasy geçen ýyl meýilnamadakydan has köp uçary öndürip, müşderilerine ýetirdi. Muňa önümçiligiň dekabr aýynda has köp artmagynyň täsiri bolupdyr.



«Aviation Flights Group»-yň maglumatlaryna görä, dünýäniň iň uly uçar öndüriji kompaniýasy 2023-nji ýylda jemi 733 uçary müşderilerine gowşurypdyr. Olaryň 579-y «A320 neo» seriýasyna degişli bolan bir koridorly howa gämileridir. Giň kabinaly «A350» uçarlaryndan bolsa, 57-si öndürilip, eýelerine berlipdir. Kompaniýa 2023-nji ýylda 720 uçar öndürmegi meýilleşdiripdi.

**Döwran GELDIHANOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Ýolagçy gämisini işe girizdi

Hytaý kompaniýasy tarapyndan gurlan ilkinji uly ýolagçy gämisi «Adora Magic City» ilkinji syýahatyna çykdy. 1-nji ýanwarda Şanhaý portundan hereket edip başlan gämini Hytaý döwlet gämi gurluşyk kompaniýasyna (CSSC) degişli bolan «Shanghai Waigaoqiao» gurupdyr.



Uzynlygy 323 metre ýetýän gäminiň agramy 135 müň 500 tonna barabar. Gämi bir wagtda 5 müň 246 ýolagçyny kabul edip bilýär. Ýolagçylar üçin gämide jemi 2 müň 125 otag bar. 16 gatly gäminiň umumy ýaşalýan ýerleriniň meýdany 40 müň inedördül metre ýetýär. Gämi kruiz gämilerine eýeçilik edýän «Carnival» atly iňlis-amerikan kompaniýasynyň sargydy bilen gurlupdyr.

## Ýarysyna golaýlady

Elektroulag önümçiligine we olary satyn alýanlara berilýän goldaw hem-de bu ugurda tehnologiýanyň ösmegi elektroulaglara islegi ýokarlandyrýar. Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlarda 2023-nji ýylyň 11 aýynda ýeňil awtoulaglaryň 47,6 göterimini elektrik energiýasy ýa-da gibrid ulaglar emele getirdi.



Ýewropa awtoulag öndürijileri bileleşiginiň (ACEA) maglumatlaryna görä, geçen ýylyň degişli döwründe bu görkeziji 43 göterim bolupdyr. Noýabr aýynda bolsa, sebit ýurtlarynda 144 müň 378 elektroulag satylypdyr. Bu görkeziji ähli ulaglaryň 16,3 göterimini emele getirýär. Geçen ýylyň noýabrynda elektroulaglaryň paýy 15 göterim bolupdyr. Gibrid ulaglaryň paýy bolsa 27,4 göterim bolupdyr. Sebit ýurtlarynda satylan ulaglaryň 32,7 göterimini benzin bilen işleýän ulaglar emele getiripdir.

## Täze ýyldaky ilkinji bäbek Arkadag şäherinde dünýä indi

Ýurdumyzda 2024-nji ýylyň ilkinji bäbeginiň Arkadag şäherinde dünýä inendigi habar berildi. Ýylyň ilkinji bäbegi Arkadag şäheriniň Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezinde dünýä inen oglanjyk boldy. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Yzgant obasynyň ýaşaýjylary bolan Kakageldiýewleriň maşgalasy üçünji çaga garaşýardylar. Täze doglan bäbegiň agramy 4 kilogram 230 gram, boýy 54 santimetr. Lukmanlar çaganyň we onuň ejesiniň saglyk ýagdaýynyň kanagatlanarlydygyny belleýärler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen gurlan täze «akylly» şäherde dünýä inen 2024-nji ýyldaky ilkinji oglanjyga çaganyň ene-atasy Arkadag diýip at goýdular. Munuň özi sanlyja ýylyň dowamynda ýurdumyzyň gözel künjeginde peýda bolan bagtyýar ýaşaýyş we gülläp ösmek üçin ähli şertleriň döredilen taryhy şäheriň bina edilmeginiň gözbaşynda duran türkmen halkynyň Milli Liderine belent hormat-sarpanyň aýdyň nyşanyna öwrüldi.

Täze ýylyň ilkinji gününde doglan çaga we ata-enesine Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyndan sowgatlar gowşuryldy.



## Ekizleriň biri geçen ýyl doguldy

Her ýylyň başynda ilkinji dünýä inen bäbek barada habarlar peýda bolýar. Indi köp ýurtda ilkinji dünýä inen bäbegi aýan etmek däbi bar. Her ýylyň çalyşýan wagtynda ekiz bäbekler hem dünýä inýär. Kähalatda olaryň biri 31-nji dekabrdan 1-nji ýanwara geçilýän gijede ýarygijeden öň, beýlekisi soň dogulýar.



Şeýle bolansoň olaryň doglan ýyllary hem başga bolýar. Şeýle waka şu ýyl ABŞ-nyň Nýu-Jersi ştatynda hasaba alyndy. Ştatyň Kamden okrugynyň Wurhis şäherçesindäki hassahanada dünýä inen Ezra we Ezekial atly bäbejikleriň biri 2023-nji ýylda, beýlekisi 2024-nji ýylda doguldy.

Bu barada şäherçäniň hassahanasynyň ýolbaşçylary metbugat işgärlerine habar berdi. Ekizleriň ulusy, Ezra atly oglan bäbek 23:48-de doglupdyr. Onuň agramynyň 2 kilogram 720 gramdygy, boýunyň 48 santimetrdigi mälim edildi. Ekizleriň kiçisi, Ezekial atly oglan bäbejik 00:28-de dünýä inipdir. Onuň agramynyň 1 kilogram 810 gramdygy, boýunyň 47,6 santimetrdigi mälim edildi.

Mundan ozal ekizleriň ene-atasy Ewe bilen Billiniň bir ogly bar eken. Ol oglan hem 3-nji ýanwarda üç ýaşyny doldurýar. Billiniň doglan güni hem 31-nji dekabr eken.

Hassahananyň lukmanlarynyň metbugata beren beýanatynda Ewe bilen Billiniň bäbejikleriniň sagdyndygy, olaryň ekiz bäbekleriniň dünýä inendigi barada gürrüň bermek üçin gyzykly hekaýatlarynyň bardygy mälim edildi.

Şeýle waka ABŞ-nyň Konnektikut ştatyndaky Nýu-Heýwen şäherinde hem hasaba alnypdyr. Şäheriň Ýel Nýu-Heýwen hassahanasynyň lukmanlarynyň habar bermegine görä, Täze ýyl gijesi Maýkl hem-de Aliýa Kiýomi Morrisleriň maşgalasynyň ekiz bäbekleri bolupdyr. Olar 23:59-da dünýä inen oglan bäbegine Sewen diýip at goýupdyr. Onuň gyz jigisi Suli bolsa, ýarygijeden soň doglupdyr. Bäbekleriň ikisiniň hem agramynyň 2 kilogram 970 gram töweregidigi mälim edildi.

## 25 ýyl doldy

Ýewropa Bileleşiginde ýewro pul birliginiň 25 ýyllygy bellenilýär. Bu mynasybetli Ýewropa Bileleşiginiň ýolbaşçylary bilelikdäki Gutlagy ýaýratdylar. Ýewro pul birligi Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň ýeketäk pul birligi hökmünde 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda tanyşdyryldy.

Häzirki wagtda ýewro pul birligi Ýewropa Bileleşigine agza 27 ýurduň 20-siniň resmi pul birligidir. Bulardan başga-da, Andorra, Monako, San-Marino



we Watikan hem bileleşigiň agzasy bolmasa-da, ikitaraplaýyn gazanylan ylalaşyk esasynda ýewro pul birligini ulanýar. Ýewropa Bileleşigi ýurtlary bilen ýakyn aragatnaşygy bolan Montenegro bilen Kosowo bolsa, haýsydyr bir şertnama bolmazdan ýewro ulanýar. Ýewro 1999-njy ýylda çykarylan hem bolsa, dünýä maliýe bazarlarynda tanyşdyrylyp, 3 ýyldan soňra, ýagny 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda güýje girizilýär we gündelik durmuşda ulanylyp başlanýar. Ýewro pul birligi iň soňky gezek geçen ýylyň 1-nji ýanwarynda Horwatiýada güýje girizildi.

**Eziz ANNAKOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Syýahatçylyk pudagynda rekorda garaşylýar

Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy 2024-nji ýylda bu pudakda rekorda garaşylýandygyny mälim etdi. Mundan ozal, 2019-njy ýylda dünýäde halkara syýahatçylaryň sany 1,5 milliarda ýetip rekord goýupdy. Syýahatçylyk guramasynyň marketing maglumatlary we



bäsdeşlik boýunça direktory Sandra Karwao 2023-nji ýylda bu görkezijiniň 88 göterim töweregi bolmagyna garaşylýandygyny belleýär. Onuň sözlerine görä, pandemiýadan ozal Ýewropadan soňra ikinji ýerde duran Aziýada syýahatçylyk pudagynyň giç hem bolsa ösüp başlapdyr. Karwao bu ösüşiň dowam eden ýagdaýynda halkara syýahatçylaryň sanynyň üstümizdäki ýylda 1,5 milliarddan geçjekdigini belledi. Emma bu ýagdaý syýahatçylaryň has köp barýan ýerlerinde käbir kynçylyklary döredip biler. Soňky ýyllarda käbir kenarýaka şäherlerinde syýahatçylar üçin çäklendirmeler girizilip başlandy.

## Bilelikde superkompýuter öndürdiler

Barselonadaky Milli superkompýuter merkezi (BSC-CNS) Ýewropanyň iň ösen superkompýuterleriniň birini işe girizdi. «MareNostrum 5» atly kompýuteriň kuwwaty orta derejedäki 380 müň ýankompýuteriňkä deňeçer.



Superkompýuteriň açylyş dabarasyna ýurduň Hökümet Başlygy Pedro Sançes hem gatnaşdy. Ýokary tehnologiýa bilen gurlan desganyň 50 göterimi Ýewropa Bileleşigi, 35,13 göterimi Ispaniýa, 9,87 göterimi Türkiýe we 5 göterimi Portugaliýa tarapyndan maliýeleşdirildi. Bu desga 20 ýyl ozal gurlan ilkinji nusgasyndan 10 müň esse güýçlüdir. «MareNostrum»-yň ylmy barlaglarda uly mümkinçilikleri hödürlejekdigi bellenildi. Kompýuterde emeli aňdan peýdalanylmagy ylmy barlaglary has tiz wagtda geçirmäge mümkinçilik berer. Kompýuter gurlanda «Lenovo», IBM, «Intel» we «Nvidia» ýaly kompaniýalaryň tehnologiýasyndan peýdalanylypdyr.

## Eksportda öňe saýlandy

ABŞ ilkinji gezek Katardan we Awstraliýadan öňe geçip, suwuklandyrylan tebigy gazyň eksportynda birinji boldy. «Bloomberg»-iň maglumatlaryna görä, ýurt geçen ýyl 91,2 million tonna suwuklandyrylan gaz eksport edipdir. Önümçiligiň artmagynda 2023-nji ýylda Tehasdaky «Freeport LNG» desgasynyň işe girizilmeginiň täsiri bolupdyr. 2022-nji ýylda dünýäniň iň köp suwuklandyrylan gaz öndüren ýurdy bolan Kataryň önümçiligi 2016-njy ýyldan bäri ilkinji gezek azalypdyr.



Şeýlelikde, suwuklandyrylan gaz önümçiligi 1,9 göterim pese gaçyp, üçünji orna düşüpdir. Awstraliýa bolsa, suwuklandyrylan gazyň eksportyny 2022-nji ýyldakydan sähel köpeldip, ikinji orna çykypdyr. Üstümizdäki ýylda ABŞ-da suwuklandyrylan gaz desgasynyň ýene-de ikisiniň gurulmagyna garaşylýar. Bu taslamalar durmuşa geçirilenden soňra ABŞ-nyň eksport mümkinçiligi 38 million tonna artar.

**Nurmyrat NURMUHAMMEDOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Syýahat edilmeli ýerleriň sanawy

Okyjylary syýahatçylyk habarlary bilen tanyşdyrýan «CNN Travel» neşiri 2024-nji ýylda görülmegi maslahat berilýän ýerleriň sanawyny taýýarlady. Sanawda syýahatçylaryň esasy barýan ýerlerinden başga-da, baranyňa degýän ýerler bar. Sanawda belli bir ýurtlar ýa-da şol ýurduň sebiti, dag etekleri, welosiped ýodalary, adalar bar.



Üstümizdäki ýylda görülmegi maslahat berilýän ýurtlaryň arasynda Angola, Koreýa Respublikasy, Albaniýa, Panama, Çili, Marokko we Özbegistan bar. Şeýle hem Indoneziýanyň Sumba adasy, Estoniýanyň Tartu şäheri, Taýwanyň Taýnan şäheri, ABŞ-nyň Miçigan ştatynyň demirgazyk-günbatary, Türkiýäniň Garadeňiz sebiti, Puerto-Rikonyň Kulebra adasy, Kanadanyň Nýu-Bransiuk welaýatynyň Sent-Jon şäheri, Gresiýanyň Makedoniýa welaýaty, Ispaniýanyň Galisiýa sebiti we Singapuryň adalary bar.

**Mekan HOJAGULYÝEW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

## Ähli ýurtlar üçin wizany ýatyrdy

Gündogar Afrikada ýerleşýän Keniýanyň 2024-nji ýyldan başlap, dünýäniň ähli ýurtlarynyň raýatlary üçin wizany ýatyrandygy mälim edildi. Ýurduň Prezidenti William Ruto hiç bir ýurduň raýatyndan wiza talap edilmejekdigini, taýýarlanan sanly platforma arkaly ýurda barmazdan ozal syýahat resminamasynyň elektron nusgasyny almagyň ýeterlikdigini mälim etdi.



Bu barada ýurduň garaşsyzlygynyň 60 ýyllygy mynasybetli geçirilen dabarada aýdyldy. Hindi ummanynyň kenaryndaky ýurduň tokaýlarynda we sawannalarynda Afrikanyň simwolyna öwrülen pil, ýolbars we žiraf ýaly ýabany jandarlar ýaşaýar. Şeýle bolansoň, bu täsin jandarlary ýaşaýan ýerinde görmek üçin ýurda her ýylda on müňlerçe syýahatçy barýar. Şeýle hem Keniýanyň deňizlerindäki merjen rifleri suwasty syýahaty halaýanlar üçin hem ýatdan çykmajak pursatlary hödürleýär. Ýurda barýan syýahatçylar üçin aýratyn goralýan ýerleriň haýwanat we ösümlik dünýäsini aýlanyp görmäge mümkinçilik döredilýär.

**Daýanç NAZARLYÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Panamada gadymy tokaý tapyldy

Alymlar Panamada irki döwürlerde wulkanyň atylmagy netijesinde ýok bolan tokaýyň yzlaryny tapdylar. Panama kanalynyň geçýän ýerinde, adada tapylan mangrow tokaýy 22 million ýyl ozal wulkandan çykan külüň, daşyň we läbigiň garyndysynyň aşagynda galypdyr. Demirgazyk we Günorta Amerikanyň kesişýän ýerindäki Panamanyň baý tebigaty bar.



Wulkanyň astynda galan mangrow agaçlarynyň tohumynyň ýitip gidendigi, onuň urugdaşlarynyň häzirki wagtda Aziýada ösýändigi bellenildi. Alymlar Ýer ýüzünde irki döwürlerde häzir gabat gelmeýän ösümlikleriň bolandygyny belleýärler. Bu ýerden zaýalanman saklanan 121 agaç bölegi tapylypdyr. Bu ylmy iş Panamanyň Smitsoniýan tropikal barlaglar institutynyň alymlary tarapyndan Barro-Kolorado adasynda geçirildi.

**Öwlüýäguly HAÝYDOW,**
*«Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Mikki we Minni syçanjyklaryň awtorlyk hukugy tamamlandy

Sungat işgärleriniň döreden eserleriniň awtorlyk hukuklarynyň belli bir wagtdan soň güýji ýitýär. Olara goşgudyr romanlar, aýdym-saz hem-de kino eserleri we beýlekiler degişli bolýar. Awtorlyk hukugy ony döreden adam ýa-da kompaniýa tarapyndan satylyp hem bilinýär. Awtorlyk hukugy barada her ýurtda başgaça kanun bar. Olar eseriň döredilen ýada ony döreden adamyň aradan çykan wagty bilen bagly ýurtlara görä tapawutly bolup bilýär.



Animasion filmleri döretmekde dünýäniň meşhur kompaniýasy hasaplanýan «Disney»-iň ilkinji döreden multfilm gahrymanlary bolan Mikki we Minni syçanjyklaryň hem awtorlyk hukugynyň möhletiniň şu ýylyň 1-nji ýanwarynda tamamlanandygy mälim edildi. Mikki we Minni atly syçanjyklar 1928-nji ýylda döredilen «Steamboat Willie» atly gysga göwrümli «baş keşpleri» janlandyrypdylar. Şondan bäri 95 ýyl geçdi. Şeýlelikde, bu gahrymanlaryň diňe ilkibaşdaky nusgasynyň şekilleri animasion önümlerde we döredijilik işlerinde önümiň «Disney»-iň önümidigini görkezmezlik şerti bilen tölegsiz we rugsatsyz ulanylyp bilner. Döwrebap Mikki we Minni syçanjyk gahrymanlarynyň awtorlyk hukuklaryny bolsa, «Disney» henizem saklap galýar. Mikki we Minniden başga-da beýleki birnäçe multfilm gahrymanlarynyň, çagalar üçin ýazylan kitaplaryň, filmleriň, aýdymlaryň, sazlaryň, romanlaryň awtorlyk hukuklarynyň möhleti tamamlandy.

**Ogulgurban MISEKOWA,**
*Änew şäherindäki 1-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Ýylyň ilkinji sergisi başlaýar

Elektron enjamlaryna bagyşlanan dünýäniň ilkinji sergisi 9-njy ýanwarda başlaýar. ABŞ-nyň Newada ştatyndaky Las-Wegas şäherinde geçiriljek «CES 2024» (Consumer Electronic Show) sergisi 12-nji ýanwara çenli dowam eder. Iri gözden geçirilişe dünýäniň 150-den gowrak ýurdundan 1200-den gowrak tehnologiýa kompaniýasynyň gatnaşjakdygy mälim edildi.




Sergide diňe elektron enjamlar we programmalar däl, eýsem, «ýaşyl» önümçilige degişli täzelikler hem görkeziler. Olaryň arasynda iýmit we oba hojalyk galyndylaryny çig mal hökmünde gaýtadan peýdalanmaga degişli tehnologiýalar hem bar. Şeýle hem sergide elektrik energiýasy bilen işleýän çaga welosipedi, batyllar üçin sesli buýruklary berýän hasa, dakynylýan elektron enjamlaryň dürli görnüşi, senagata degişli enjamlar we dizaýnlar, logistika pudagyna degişli sanly tehnologiýalar, dronlar, elektron söwda üçin çözgütler, mobil oýunlar, okuw tehnologiýalary we beýleki elektron hem-de awtomatlaşdyrylan çözgütler teklip ediler.

Robotlaşdyrylan tehnologiýalar we emeli aň hem serginiň esasy ugurlarynyň biri bolar.

**Oguljennet MUHAMMEDOWA,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 5-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113142
Belgisi: 1/1567
Tiražy: 9000
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# ÝURDUMYZYŇ ÝAŞLARY HYTAÝA WE WENGRIÝA OKUWA UGRADYLAR

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek, giň gözýetimli, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça uly tagallalar edilýär. Ýurdumyzyň obadyr şäherlerinde durmuş ulgamyna degişli desgalar bilen birlikde, döwrebap bilim edaralary hem gurulýar.

Ýurdumyzda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», beýleki milli maksatnamalarda bilim ulgamyny kämil derejede ösdürmek, ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak ugrunda kesgitlenen wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda ýaş nesil barada edilýän aladalar öz miwesini berýär. Soňky ýyllarda halkara ders bäsleşiklerinde, sport ýaryşlarynda baýrakly orunlara mynasyp bolýan talyp ýaşlaryň, mekdep okuwçylarynyň sany artýar.

Ýurdumyzda bilim ulgamynda ynsanperwerlik ugry boýunça Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri (ÝUNISEF, UNFPA, UNDP, ÝUNESKO) bilen özara gatnaşyklary ösdürilip, dünýäniň oňyn tejribesi işjeň öwrenilýär, daşary ýurtlaryň bilim we ylym merkezleri bilen gatnaşyklar yzygiderli giňeldilýär.



Şol bir wagtda ýurdumyzyň halk hojalygynyň dürli pudaklary üçin döwrebap ylym-bilimli hünärmenleri taýýarlamak işine hem aýratyn çemeleşilýär. Şonuň üçin her ýyl türkmenistanly ýaşlaryň ençemesi daşary ýurtlara okuwa ugradylýar.

Ine, şu ýyl hem mynasyp ýaşlary Hytaý Halk Respublikasynyň hem-de Wengriýanyň ýokary okuw mekdeplerine bilim almaga ugratmak göz öňünde tutulýar. 3-10-njy ýanwarda ýurdumyzda 2024/2025-nji okuw ýyly üçin Hytaý Halk Respublikasynyň we Wengriýanyň ýokary okuw mekdeplerine ýokary hünär bilimi (bakalawr) maksatnamasy boýunça seçip alyş işi geçirilýär. Ýokary okuw mekdeplerine umumy orta, orta hünär bilimli, ýaşy 25-den geçmedik hem-de 18 ýaşy dolan, iňlis dilini bilýän ýaşlaryň resminamalary Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde kabul edilýär.

Hytaý Halk Respublikasy ylym-bilim ulgamynda ösen döwletleriň biridir. Ýurduň ýokary bilim ulgamy 3 basgançaga bölünýär. Olar – bakalawr, magistratura we doktorlyk derejesidir. Bakalawr maksatnamasynda talyp 4-5 ýyl bilim alýar. Magistratura okuwynyň möhleti 2-3 ýyldyr. Doktorlyk derejesi üçin hem zerur bolan okuw möhleti 2-3 ýyldyr. Soňky ýyllarda Hytaýyň ýokary bilim edaralary halkara sanawynda öňdäki orunlary eýeläp başladylar. Sinhua we Pekin uniwersitetleri ABŞ-nyň uniwersitetleriniň köpüsinden öňe saýlanyp, halkara sanawynda 15-nji we 23-nji orunlary eýeleýärler. Hytaýda 2500-den gowrak uniwersitet bolup, olaryň 500 töwereginde daşary ýurtly talyplar kabul edilýär. Hytaýyň uniwersitetleri ylmy neşirleriň sany boýunça dünýäde ilkinji bolup, ABŞ-nyň hemişelik liderlerinden öňe geçdi. Şeýle ösüş depgini bilen Hytaýyň uniwersitetleri ýakyn wagtda diňe bir Aziýa sebiti üçin däl, eýsem, tutuş dünýä üçin hem bilim mekany bolup biler. Hytaýdaky 2500 uniwersitetiň 1200-den gowragy adaty uniwersitet, 250-den gowragy garaşsyz kollejler we 1400-e golaýy ýokary hünär kolležleridir.

Wengriýa bolsa, ýokary bilim ulgamynda Ýewropanyň öňdebaryjy ulgamy bolan halkara Bolon bilim ulgamyna görä halkara derejeli talyplary kabul edýär. Wengriýada okuw, umumyýaşaýyş jaýy we saglyk ätiýaçlandyryşyny doly öz içine alýan we aýlyk talyp haky berýän «Stipendium Hungaricum» atly milli maksatnama bar. Wengriýada okuw, ýaşaýyş jaýy, azyk, egin-eşik, jemagat hyzmatlary we ulag çykdajylary Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan has arzan. Uniwersitetler we Wengriýanyň Hökümeti daşary ýurtly talyplara maliýe kömegini we grantlar hem berýär. Bular Wengriýada bilim almagyň özboluşly aýratynlyklarynyň käbiridir.

**Gülöwser ANNAÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

# DÖWLETLI TUTUMLAR ÜSTÜNLIKLERE BADALGA

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Geçen ýylyň 19-njy dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 49-njy plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» hem-de «Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek» atly iki Kararnamanyň birbada kabul edilendigini eşidip şatlanan watandaşlarymyz 25-nji dekabrda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ilkinji kitabynyň çapdan çykanyna has-da buýsandylar. Çünki bu kitap Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň tamamlanmagy mynasybetli hormatly Prezidentimiziň halkymyza ajaýyp Täze ýyl sowgady boldy.

Beýik geljegimiziň gurujylary bolan merdana ýaşlarymyz, olaryň şu günki we geljekki wezipeleri hakynda täsirli söhbet açýan täze kitap on dört bölümden ybarat bolup, kitabyň her bölüminde geçen ýylda özlerine bildirilen ynamy üstünlikli ödän ýaşlara geljekde beýik işlere çakylyk bar. Hormatly Prezidentimiz ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň esaslary, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň öňünde durýan wezipeler hakynda durup geçmek bilen, Watanymyzyň ertiri hasaplanýan ýaşlara uly ynam bildirýär. Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan ýokary hilli neşir edilen bu kitap ýaşlarymyzyň, şeýle hem ähli watandaşlarymyzyň ýankitabyna öwrüler.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda ýaş nesil barada döwlet derejesinde edilýän aladalar özüniň oňyn netijesini berýär. Häzirki wagtda Watanymyza, halkymyza, oňyn ýörelgelerimize, milli däp-dessurlarymyza wepaly, bilimini ýokarlandyrmaga, sport bilen meşgullanmaga, hünär öwrenmäge, zähmet çekmäge höwesli hem-de ruhubelent ýaşlar kemala gelýär.

Ýaşlar üçin döredilen giň mümkinçilikler netijesinde olar döwlet durmuşynyň ähli ugurlarynda – syýasatda, ykdysadyýetde, ylym, bilim, medeniýet, saglygy goraýyş ulgamlarynda we halk hojalygynyň beýleki pudaklarynda janypkeş zähmet çekip, döwletimiziň günsaýyn beýik ösüşlere ýetmegine, täze üstünlikleriň gazanylmagyna mynasyp goşant goşýarlar.





Geçen ýyl ýaşlar baradaky aladanyň döwlet syýasatynyň möhüm ugrudygyna ýene bir gezek üns çekilmek bilen, ýaşlaryň ykbaly bilen bagly ençeme täze, döwletli başlangyçlara badalga berildi. Geçen ýylyň 27-nji dekabrynda ak mermerli paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen türkmen ýaşlarynyň bilim, ylym, sport, medeniýet, senagat, oba hojalygy we ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda gazanan üstünliklerini görkezýän ýaşlaryň maslahaty we sergisi olara bildirilýän uly ynamyň ajaýyp miwelerini berýändiginiň özboluşly tassyklamasy boldy. Bu ýaşlar forumy döwletimiz tarapyndan ýaşlaryň şahsy ösüşi, öz ukyp-başarnyklaryny doly açmaklary, ýaş nesliň terbiýesine aýratyn üns bermek bilen, olaryň täze başlangyçlara, döredijilikli işlere ruhlandyrylýandygyny görkezdi.

Geljege gönükdirilen uly maksatlar öz miwelerini hem berýär. Olary amala aşyrmak hem hakyky hünär eýelerine, öz işiniň ussatlaryna bagly bolýar. Şoňa görä-de, döwrebap hünärmenleriň ýetişdirilmeginiň tutuş ýurduň geljekki ösüşine dahyllylykda örän möhüm ähmiýete eýedigi öz özünden düşnüklidir. Bu günki üstünlikler ertirlere ynam-umyt, ylham-ganat berýär. Ýetilen sepgitler bolsa geljegimiz üçin täze gözýetimleri açýar.

Döwlet Baştutanymyz ýaşlar barada aýratyn alada etmek bilen, çagalar baglarynda, orta mekdeplerde, orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde dünýäniň iň ösen innowasion tehnologiýalaryna esaslanýan şertleri döredip berýär. Bu bolsa olara öz saýlan ugurlary boýunça okamaga, öwrenmäge, döretmäge we dürli pudaklarda zähmet çekip, sylag-hormata mynasyp bolmaga giň ýol açýar. Şeýle bolansoň hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda häzirki wagtda möhüm ähmiýetli syýasy wakalaryň, durmuş-ykdysady, medeni özgertmeleriň amala aşyrylýan, belent maksatlaryň durmuşa geçirilýän döwründe ýaşamak, halal zähmetiň bilen ýurduň ösüşine goşant goşmak bagtdyr.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylyna bagyşlanan bu halkara ylmy-amaly maslahatda her bir ulgamda gazanylan üstünliklere baha berlip, öňde durýan täze wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy. Ylmy-amaly maslahatyň umumy mejlisiniň dowamynda ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasy tarapyndan Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna Hoşallyk hatynyň gowşurylmagy Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwerlige ýugrulan sahawatly işleriniň belent ykrarnamasy hökmünde göwünlerimizi galkyndyrdy. Şeýle-de, maslahatyň dowamynda halkara guramalaryň we ylmy institutlaryň hünärmenleri tarapyndan şahadatnamalaryň we güwänamalaryň hem-de «Beýik ýüpek ýoly: Zarawşan-Garagum geçelgesi» we «Aram guşaklykdaky Turan çöllügi» atly köptaraplaýyn hödürnamalaryň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilendigini tassyklaýan şahadatnamalaryň gowşurylmagy ylmy-amaly maslahatyň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Ýokary guramaçylykly geçirilen Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylyna bagyşlanan halkara ylmy-amaly maslahat, sergiler we dabaralar halkymyzy, hususan-da ýaşlarymyzy 2024-nji ýyly uly buýsanç bilen garşylamaga we täze ýeňişlere ruhlandyrdy.

Goý, ýurdumyzda halkymyzyň abadan durmuşy, ýaş nesilleriň bagtly geljegi ugrunda uly tagallalary edýän Milli Liderimiziň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun!

**Abatgylyç NAZAROW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Şabat etrap birleşmesiniň başlygy.*

# BEÝIK SÖZ USSADYNA BAGYŞLANAN ÝYL

2024-nji ýyl ýurdumyzda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçer. Ýurdumyzda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny halkara jemgyýetçiligi bilen bilelikde bellemek babatda durmuşa geçirilýän işler akyldar şahyrymyzyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren baý hem-de gymmatly edebi mirasyny öwrenmekde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Täze taryhy döwürde Köpetdagyň eteginde Magtymguly Pyragynyň ägirt uly heýkeliniň gurulmagy beýik şahyryň ömrüne, döredijilik mirasyna häzirki döwrüň nesilleri tarapyndan uly sarpa goýulýandygynyň aýdyň nyşanydyr.

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň dünýä dolan şöhratyny has-da beýgeltmek we ony giňden wagyz etmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça ýurdumyzda giň gerimli işler alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň kabul eden Kararyna laýyklykda, 2024-nji ýylda Gündogaryň beýik akyldary we şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy dünýä derejesinde giňden bellenip geçiler.




**Beýik söz ussadynyň ýubileýini bellemek ugrunda köp tagalla edildi we degişli işler geçirildi. Şoňa laýyklykda:**

☑ Türki medeniýetiň halkara guramasynyň – TÜRKSOÝ-yň hemişelik geňeşiniň mejlisinde 2024-nji ýyl «Beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edildi.

☑ Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumy BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizildi.

☑ Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna goşuldy.

☑ «Magtymguly Pyragy» portalynyň döredilmegi Gündogaryň beýik akyldar nusgawy şahyrynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny baýram etmek boýunça çäreler meýilnamasynyň esasy ugurlarynyň biri boldy.

☑ «magtymgulypyragy.gov.tm» portalda beýik söz ussadynyň goşgulary, ol barada ýazylan eserler, ylmy makalalar, şeýle hem Magtymguly Pyragynyň goşgular kitabynyň daşary ýurt dillerine terjime edilen nusgalary ýerleşdirilipdir.

☑ «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde Magtymguly Pyragy ensiklopediýasy sanly we neşir görnüşinde taýýarlanýar.

☑ Magtymguly Pyragynyň nemes diline terjime edilen goşgular ýygyndysy, şeýle hem beýik akyldaryň hindi diline terjime edilen saýlanan eserleriniň täze ýygyndysy neşir edildi.



☑ «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medaly dörediler. Bu Magtymguly Pyragynyň baý we gymmatly edebi mirasyny şöhratlandyrmak, şanly senäni dabaralandyrmak babatda möhümdir.

☑ Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi akyldar şahyryň döredijilik mirasy we onuň beýleki medeniýetlere täsiri barada dokumental filmleri surata düşürmek taslamalaryny durmuşa geçirdiler. Türkmen kinoçylary Russiýada, Azerbaýjanda, Eýranda, Türkiýede we Özbegistanda bolup, türkmen halkynyň beýik şahyry barada dokumental filmleri surata düşürdiler.

☑ Umuman, geçen ýylda bolşy ýaly, üstümizdäki ýylda hem Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň guramagynda Magtymguly Pyraga bagyşlanan dabaralar dowam etdiriler, bu bolsa beýik akyldaryň ýylynyň üstünliklerine üstünlik goşar.

**Bagtyýar ALLOWOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Harby institutynyň harby talyby.*

# GEÇEN ÝYLYŇ MÖHÜM WAKALARY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

☑ Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň esasy wakalarynyň ýene biri mart aýynda geçirilen Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boldy. Milli demokratiýanyň dabaralanmagyna getiren bu syýasy çäräniň netijesinde, ýurdumyzyň Mejlisiniň täze düzümi düzüldi we milli kanunçylygyň has-da kämilleşmegine giň ýol açyldy.

☑ Paýtagtymyzda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda ýakyn ýyllarda ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň köpugurly düzüminiň üstüni ýetirjek döwrebap lukmançylyk desgalarynyň birbada üçüsiniň düýbüni tutmak dabaralary boldy. Bu lukmançylyk desgalarynyň – Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Stomatologiýa merkeziniň we Halkara pediatriýa merkeziniň gurluşyklaryna badalga berildi.

☑ Geçen ýylyň iýun aýynda Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» diýen kitaby çapdan çykdy.

☑ Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz Türki medeniýetiň halkara guramasynyň iň ýokary sylagy bolan «TÜRKSOÝ» ordeni we Türki dünýäniň inženerler we binagärler birleşiginiň «Türki dünýä ýokary hyzmatlary üçin» medaly bilen sylaglanyldy.

☑ Ýylyň esasy wakalarynyň biri bolan Arkadag şäheriniň açylyş dabarasy geçirildi. Arkadag şäheriniň ilkinji tapgyrynda 336 binanyň gurlup ulanmaga berilmegi, ýurdumyzyň gurply döwletdigini ýene-de bir gezek aýdyňlygy bilen görkezdi.

☑ Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary bilen Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowa Türkmenistanyň iň ýokary tapawutlandyryş derejesi – «Altyn Aý» altyn nyşanyny gowşurmak bilen, Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent at dakyldy.

☑ Geçen ýylyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Hytaý Halk Respublikasyna, Bahreýn Patyşalygyna, Azerbaýjan Respublikasyna, Katar Döwletine, Beýik Britaniýa, Russiýa Federasiýasyna, Täjigistan Respublikasyna, Türkiýe Respublikasyna, Saud Arabystany Patyşalygyna, Wengriýa, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna, Gyrgyz Respublikasyna, Özbegistan Respublikasyna we Birleşen Arap Emirliklerine döwlet, resmi we iş saparlaryny amala aşyrdy.

☑ Arkadagly Gahryman Prezidentimiz Nýu-Ýorkda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň işine we ABŞ bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň «C5+1» görnüşindäki köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň birinji duşuşygyna gatnaşdy.

☑ Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirliklerine, Türkiýe Respublikasyna, Germaniýa Federatiw Respublikasyna, Eýran Yslam Respublikasyna, Saud Arabystany Patyşalygyna, Täjigistan Respublikasyna, Hytaý Halk Respublikasyna saparlary amala aşyrdy.



☑ Ýurdumyzyň taryhynyň ýylýazgysyna altyn harplar bilen ýazylan Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň esasy wakalarynyň ýene-de biri Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynyň çapdan çykmagy boldy. Baý many-mazmunly bu kitap geljekde diňe bir ýaşlarymyz üçin ýol-ýörelge bolman, eýsem, ähli ýaşdaky watandaşlarymyzda-da uly gyzyklanma döreder.

☑ Umuman, tamamlanan 2023-nji ýyl «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» şygary astynda geçip, ýurdumyzda ähli ugurlarda täze-täze ösüşleriň gazanylan ýyly hökmünde hemişe ýatlanar.

**Magtymguly ÝAŞUZAKOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# RUS DILINI ÖWRENMEGIŇ ÄHMIÝETI

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda, şonuň bilen birlikde, ylym-bilimde düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda dünýä dilleriniň arasynda esasy orun tutýan daşary ýurt dillerini, aýratyn-da rus dilini öwrenmäge ähmiýet berilýär.

Daşary ýurt diline eýe bolmak halklaryň arasynda dostluk, medeni gatnaşyklaryň ösmegine, ýaşlaryň dünýä medeniýetiniň ruhuna ýakynlaşmagyna, ýaşlaryň dünýä tejribeleri bilen tanyşmaklaryna ýardam edýär. Rus dili GDA ýurtlarynyň arasynda diňe bir medeni aragatnaşyk dili bolman, eýsem, işjeňlik dili hem bolup durýar. Şonuň üçin hem ykdysatçylara, telekeçilere we talyplara rus dilini öwrenmek peýdalydyr hem wajypdyr.

Beýik rus şahyry A.S.Puşkiniň doglan güni bolan 6-njy iýunda köp dilliligi we medeni köpdürlüligi goldamak hem-de ösdürmek maksatnamasynyň çäklerinde BMG-de Rus diliniň güni bellenilýär. Rus dili slawýan dilleriniň arasynda has giň ýaýran, geografiki nukdaýnazardan we gepleşýänleriň umumy sany boýunça dünýä dilleriniň ilkinji onlugynyň sanawyna girýär. Internetde ulanylýan dilleriň arasynda hem iň ýörgünlisi rus dilidir.

Rus dili dünýädäki iň kyn dilleriň biridir. Şeýle-de bolsa rus dilini öwrenmek üçin sarp edilýän wagt adamdan adama üýtgeýär. Rus dilinde takmynan 350000 sözüň bardygyny we iň uly rus sözlüginde takmynan 200000 sözüň bardygy mälimdir. Rus dilinde erkin gürlemek üçin bu sözleriň diňe 5%-ini öwrenmek ýeterlikdir.

Dünýäde rus dilini ene dili hökmünde ulanýanlaryň sany 164 milliona deňdir. Bu dili ikinji dil hökmünde ulanýanlaryň sany bolsa 114 milliona barabardyr. Şeýlelikde, rus dilinde gepleşýänleriň sany 278 milliona barabardyr.



Rus dili Russiýa Federasiýasynyň döwlet dili, Belarusuň iki döwlet diliniň biridir, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň we käbir beýleki ýurtlaryň resmi dilleriniň hataryndadyr. Şeýle hem Ýewraziýada, Gündogar Ýewropada halkara aragatnaşygyň esasy dilidir, Birleşen Milletler Guramasynyň, onuň düzüm birlikleriniň we beýleki halkara guramalaryň alty iş diliniň biridir.

2022-nji ýyldaky maglumatlara görä, rus diliniň ýaýramak derejesi 8-nji orny eýeleýär. Bu ugurda iňlis dili (1,5 mlrd), mandarin hytaý dili (1,1 mlrd), hindi dili (602,2 mln), ispan dili (548,3 mln), fransuz dili (274,1 mln), arap dili (274 mln) we bengal dili (272,7 mln) öňdeligi eýeleýär.

Şeýle hem «W3Techs» kompaniýasy tarapyndan geçirilen seljermeleriň netijesine görä, 2013-nji ýylyň mart aýynda internetde ulanylyşy boýunça rus dili ikinji orna çykdy. Internet ulgamynda rus dilini ulanyjylaryň sany 105 milliondan gowrakdyr.

Şulary göz öňünde tutup, rus dilini öwrenmegiň ähmiýetiniň uludygyny nygtasymyz gelýär. Şonuň üçin biziň ýurdumyzda hem rus dilini öwretmäge uly üns berilýär. Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda hem rus dili we edebiýaty fakulteti bolup, onda rus dili boýunça kämil hünärmenler ýetişdirilýär. Mundan başga-da, ýurdumyzda rus dili çuňlaşdyrylyp öwredilýän orta mekdepler hem hereket edýär.

**Enegül ANNAGULYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# MÖWSÜMLEÝIN ÝOKANÇ KESELLERE GARŞY GÖREŞMEGIŇ USULLARY

Adam bedeni möwsümleýin howa şertlerine uýgunlaşandyr. Gyş paslynda janly tebigatyň üýtgeýşi ýaly adam bedeni hem howa uýgunlaşmaga we daş-töweregindäki tebigatda bolup geçýän hadysalara laýyk bolmaga çalyşýar. Gyş paslynda sagdyn ýaşamak hem-de sowuklama keselleriniň öňüni almak maksady bilen immuniteti berkitmek üçin iň amatly wagt tomusdyr. Tomusda köp adam tutuş ýylyň dowamyndaky ýadawlygyny aýyrmak, beden sagdynlygyny we ruhy ýagdaýyny gowulandyrmak üçin dynç alýar.

Gyşky möwsümleýin ýokanç keselleriň biride ýiti wirus ýokanjydyr. Ýiti wirus ýokanjy näsag adamdan howa-damja we galtaşma ýoly arkaly töweregindäki adamlaryň bedenine düşüp, kesellemegine getirip bilýär. Ýiti wirus ýokanjy bilen islendik adam keselläp biler.

Adam bedenine ýokary dem alyş ýollary bilen geçen wiruslar dem alyş ýollarynyň nemli bardalaryna çuňňur ornaşyp, keseliň ilkinji alamatlaryny ýüze çykarýar. Kesel aglaba ýagdaýda duýdansyz başlanýar. Syrkaw birdenkä tapdan düşýär, gyzdyryp başlaýar. Beden temperaturasy ýokarlanýar. Näsagyň kellesi, bogunlary agyrýar, burnuň dykylmasy, bokurdagyň gyrylmasy we agyrysy bolup biler.

Möwsümleýin ýokanç kesellerinin öňüni almagyň iň ýönekeý we wajyp usullarynyň biri arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmekden ybaratdyr. Akar suwda sabyn bilen ýygy-ýygydan eliňi ýuwmaga (nahar taýýarlamazdan öň, iýmitlenmezden öň, hajathanadan soň, daşardan öýe gelnende we ş.m.) endik etmeli. Ene-atalar bu endikleri çagalara öwretmelidir.

Daş-töweregindäkilere keseli ýokuşdyrmazlyk we öz wagtynda bejergi almak üçin näsag keseliň alamatlary ýüze çykanda bada-bat maşgala lukmanyna ýüz tutmaly. Näsag öýde gözegçilikde saklanylmaly. Zyýanly endiklerden daşda durmaly. Sepgitde seresap bolup, ýokarda aýdylan düzgünler dogry we doly berjaý edilende, adam bedeniniň kesele garşy göreşijilik ukyby beýgelip, ýiti respirator ýokanç keseliniň ýüze çykmagynyň öňüni alyp bolar.

Keseliň wirusynyň ýokuşmagynyň hem-de köpçülikleýin ýaýramagynyň öňüni almak maksady bilen öňüni alyş sanjymlaryny almaly. Keseliň ilkinji alamatlary (bedeniň temperaturasynyň ýokarlanmagy, üşütme, kellagyry, ysgynsyzlyk, üsgülewük, burun dykylma) ýüze çykanda, gaýra goýman maşgala lukmanyna ýüz tutmaly.

Sagdyn iýmitlenmek, ýagny witaminlere we makromikroelementlere baý önümleri ýeterlik ulanmak, sport bilen işjeň meşgullanmak, gün tertibini dogry guramak arkaly immuniteti berkitmeli.

Wirusly keselleriň köpçülikleýin ýaýraýan möwsümlerinde zerurlyk bolmasa adamlaryň köp üýşen ýerine barmakdan we çagalary eltmekden saklanmaly.

**Jeren ALLAMYRADOWA,**
*Aşgabat şäheriniň 2-nji saglyk öýüniň maşgala lukmany.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Ýylyň şygaryny mälim etdi.** Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew 2024-nji ýyly ýurtda «Ýaşyl dünýäniň hatyrasyna raýdaşlyk ýyly» diýip yglan etmek barada karara gol çekdi. Bu çözgüt howanyň üýtgemegine garşy göreşi güýçlendirmek maksady bilen kabul edildi.



**«Hukuk aň-bilim ýyly».** Täjigistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň kabul edilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli ýurtda 2024-nji ýyl «Hukuk aň-bilim ýyly» diýlip yglan edildi. «Garaşsyz Täjigistanyň ilkinji Konstitusiýasy, biziň iň möhüm gazananlarymyzyň biridir» diýip, Prezident Emomali Rahmon belledi.



**Russiýa GDA başlyklyk eder.** Russiýa 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda başlyklyk etmek nobatyny aldy. Geçen ýyl gurama Gyrgyzystan başlyklyk etdi. Russiýa bu ýylda guramanyň çäklerinde özara hasaplaşyklarda milli pullara geçmegi işjeňleşdirmäge bil baglaýar.



**Şakiranyň heýkeli açyldy.** Kolumbiýadaky dogduk şäheri Barrankilýada aýdymçy zenan Şakiranyň hormatyna heýkel açyldy. Şäheriň häkimi Haýme Pumareho açylyş dabarasynda Şakiranyň Karib sebitiniň zenanlaryny we gyzjagazlaryny ruhlandyrýandygyny nygtady.



**500 sany gar adam ýasadylar.** Hytaýyň Szilin sebitindäki şypahananyň çägini 500 sany gar adam bezeýär. Boýy iki metre ýetýän gar adamlary ýasamak üçin ekskawatorlardan peýdalanyldy. Olaryň kömegi bilen 10 sagatda 200-den gowrak gar heýkellerini ýasap bolýar. Bu täsin görnüşler syýahatçylary özüne çekýär.



**BMW iň uly elektroýahtany döreder.** Nemes awtoulag öndürijisi BMW «Tyde» kompaniýasy bilen bilelikde dünýädäki iň uly we iň kaşaň elektrik ýahtasyny döreder. «Open Tyde» atly gäminiň uzynlygy 14,7 metr, ini 4,5 metr bolar. Gämi elektroulag batareýalary bilen üpjün edilip bilner.



**Belgiýa başlyklyga girişdi.** Belgiýa Ýewropa Bileleşiginiň geňeşinde resmi taýdan başlyklyga girişdi. Ýurt bu wezipäni Ispaniýadan kabul edip aldy. Indi Belgiýa ÝB-niň uzak möhletleýin maksatnamasyny işläp düzmek bilen meşgullanar. Belgiýa ilkinji gezek 1958-nji ýylda bileleşikde başlyklyk edipdi.



**75 million adam köpeldi.** Dünýäniň ilaty geçen ýylda 75 million köpeldi. Bu barada ABŞ-nyň Ilat ýazuwy edarasy habar berdi. Täze ýylyň ilkinji günlerinde dünýä ilatynyň sany 8 milliard adamdan gowrak boldy, şeýle hem dünýäde her sekuntda 4,3 çaga dogumy we 2 ölüm hasaba alyndy.



**Dokluk duýgusyny döredýän derman.** ABŞ-nyň alymlary titreme arkaly işdäni azaldýan derman gerdejigini taýýarladylar. Bu gerdejik kabul edilýän iýmiti 40% azaltmak bilen horlanmaga kömek edýär. Ol nahardan 20 minut öň kabul edilse, beýnide adamyň doýandygy baradaky duýgulary döredýär.



**Ozon gatlagy dikelýär.** Ýeriň ozon gatlagy kem-kemden dikelýär diýip, Bütindünýä meteorologiýa guramasy habar berdi. Ozon gatlagy 1970-nji ýyllarda ýukalyp başlady we 15 ýyl geçensoň, onda uly deşik emele geldi. Çaklamalara görä, planetamyzyň uly böleginde ozon gatlagy ilkibaşky derejesine 2040-njy ýylda gaýdyp geler.

## TARYHDA ŞU GÜN

255 ýyl mundan öň adamzat taryhynda täze döwür başlandy. Ol bug energiýasynyň ulanylmagy bilen baglanyşykly bolup, senagatyň ösüşine sebäp boldy. 1769-njy ýylyň 5-nji ýanwarynda şotland oýlap tapyjysy, inžener Jeýms Watt bug hereketlendirijisi üçin patent aldy.



# DÜNÝÄ ILATYNYŇ ÝARYSYNA GOLAÝY SES BERER

2024-nji ýylda dünýäniň jemi içerki önüminiň 54%-ini eýeleýän we Ýer ýüzüniň ilatynyň ýarysynyň ýaşaýan 50-den gowrak ýurdunda Prezident we parlament saýlawlary geçiriler. Iň uly saýlawlar Hindistanda geçiriler. 2022-nji ýylyň ahyryndaky maglumatlara görä, ýurtda 945 million saýlawçy bardy. Mälim bolşy ýaly,



geçen ýyl Hindistanyň ilaty Hytaýdan öňe geçip, dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolupdy. 2022-nji ýylyň jemleri boýunça Hindistanyň jemi içerki önümi 3,4 trillion dollara deň boldy. Ykdysady we demografik nukdaýnazardan iň kiçi saýlawlar Tuwaluda geçiriler. 2022-nji ýyldaky maglumatlara görä, ýurtda bary-ýogy 11 müňden gowrak ilat ýaşaýar we jemi içerki önümi 59 million dollara deň.

Hindistandan başga-da, BRICS-iň ýene üç ýurdunda şu ýyl saýlawlar meýilleşdirilýär: Russiýa, Günorta Afrika we Eýran. Umuman alanyňda, bu ýurtlarda 293 million adam ýaşap, 3,3 trillion dollarlyk (global jemi içerki önümiň 3%-i) harytlar öndürilýär.

Ýewropa Parlamentiniň täze agzalaryna iýun aýyndaky ses berişlik 447 million ilaty we jemi içerki önümi 16,7 trillion dollar bolan 27 ýurdy birleşdirer. Şeýle hem birnäçe döwletde Prezident ýa-da parlament saýlawlary geçiriler. Olaryň arasynda Awstriýa, Belgiýa, Litwa, Slowakiýa, Portugaliýa, Rumyniýa, Horwatiýa we Finlýandiýa bar.

Dünýäniň iň uly ykdysadyýetine eýe bolan ýurtlarda hem saýlawlar geçiriler. Olaryň hatarynda ABŞ, Koreýa Respublikasy, Meksika we Indoneziýa bar. Olaryň jemi içerki önümi degişlilikde 1,7 trillion, 1,5 trillion, 1,3 trillion dollara deň.

# ŞENGEN SEBITINE TAPGYRLAÝYN GOŞULARLAR

Ýewropa Bileleşiginiň agzalary tarapyndan Bolgariýa bilen Rumyniýanyň Şengen zolagyna tapgyrlaýyn birleşmegi makullandy. Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary 2024-nji ýylyň mart aýyndan başlap iki ýurduň deňiz we howa serhetlerindäki barlaglaryny ýatyrar. Barlaglar diňe gury ýer serhetlerinde galar. Bu barada Ýewropa Komissiýasynyň metbugat gullugy habar berdi.

– Bu gün Bolgariýada we Rumyniýada taryhy pursat bolup, bu ýurtlaryň raýatlary üçin buýsançly gündür. Olar mart aýyndan başlap serhet barlaglary bolmazdan içerki deňiz we howa serhetlerinden erkin geçip bilerler. Bu indiden beýläk iki ýurtda, şeýle-de Şengen zolagynda möhüm ädimdir – diýip, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen belledi.

Gury ýer serhetlerinde raýatlary barlamagyň ýatyrylmagynyň mümkin bolan senesi baradaky gepleşikleriň 2024-nji ýylda dowam etdiriljekdigi we Ýewropa Bileleşiginiň bu baradaky kararynyň «göwnejaý möhletde» kabul edilmegine garaşylýandygy bellenilýär.

Bolgariýa we Rumyniýa 2007-nji ýyldan bäri Şengen zolagyna girmek üçin tagalla edýär. Ýewropa Komissiýasy iki ýurduň bu ädimi ätmäge taýýardygy barada 2011-nji ýylda mälim etdi, ýöne bu proses Ýewropa Bileleşiginiň käbir ýurtlary tarapyndan yza süýşürildi. Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşi 2022-nji ýylyň dekabrynda bu çözgüt barada ylalaşsa-da, Awstriýa ony bikanun migrasiýa garşy göreşde «gowşak tagallalary» görkezýändigi sebäpli iň soňunda goldamady.

Şengen jemgyýeti 1985-nji ýylda Fransiýa, Germaniýa, Belgiýa, Niderlandlar we Lýuksemburg tarapyndan esaslan-



dyryldy. Şengen zolagynyň serhetleri Ýewropa Bileleşiginiň serhetleri bilen deň bolmasa-da, şu wagta çenli her iki gurluşda 27 döwlet bar. Ýewropa Bileleşigine girmeýän Şweýsariýa, Islandiýa, Norwegiýa we Lihtenşteýn Şengeniň agzalarydyr. Emma Ýewropa Bileleşiginiň agzalary bolan Irlandiýa we Kipr Respublikasy Şengene gatnaşmaýarlar, Rumyniýa we Bolgariýa bolsa, diňe häzirki wagtda bölekleýin çakylyk aldy.

# PARLAMENT SAÝLAWLARY GEÇIRILER

Mongoliýada parlament saýlawlary 2024-nji ýylyň 28-nji iýunynda geçiriler. Bu karar Ulan-Batorda Beýik Döwlet Huralynyň (parlament) umumy mejlisinde kabul



edildi. Bu barada mongol parlamentiniň metbugat we jemgyýetçilik gatnaşyklary bölümi habar berdi.

Mongoliýanyň ilatynyň 2024-nji ýylyň iýun aýynda ýurduň iň ýokary kanun çykaryjy organyna 126 deputat saýlamagyna garaşylýar. Mažoritar saýlaw ulgamy boýunça 78 deputat, galan 48-si proporsional ulgam boýunça saýlanar.

Mongoliýada soňky parlament saýlawlary 2020-nji ýylyň 24-nji iýunynda geçirildi.

Saýlawlar diňe 50% saýlawçy gatnaşan ýagdaýynda dogry we ygtybarly diýlip kabul edilýär. Ýurtda 18 ýaşan raýatlar ses berip, 25 ýaşdan uly raýatlar parlament saýlawlaryna dalaşgärlik edip bilerler.

Mongoliýa Demirgazyk Aziýada ýerleşip, demirgazykda Russiýa we günortada Hytaý bilen serhetleşýän döwlet bolup, deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň biridir. Şeýle-de, Mongoliýa dünýäde ilatyň gürlügi has az bolan ýurtlaryň biridir. Bu ýurt BMG-niň ähli gurluşlaryna, şeýle hem synçy hökmünde GDA-nyň käbir gurluşlaryna gatnaşýar. Milli statistikanyň maglumatlaryna laýyklykda, ilatyň sany 3 million 500 müň adama deňdir.

# Şweýsariýanyň täze Prezidenti

Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Goranmak, jemgyýetçilik goragy we sport departamentiniň başlygy, 61 ýaşly Wiola Amerd 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan bir ýyllap Şweýsariýanyň Prezidenti wezipesine bellendi. Şweýsariýanyň Goranmak ministrligine ýolbaşçylyk eden ilkinji zenan 2023-nji ýylda bu wezipäni eýelän Alen Berseniň ýerine geçdi. Ýurtda hereket edýän kanunlara görä, Şweýsariýanyň Prezidenti doly ygtyýarlyklara eýe däl. Ol her ýylyň 1-nji ýanwarynda çalşylýar. Döwlet Baştutanynyň wezipesini gezekli-gezegine Federal Geňeşiň agzalarynyň biri eýeleýär. Ýurt Federal geňeş tarapyndan dolandyrylýar.

Prezident ýurda wekilçilik edip, Federal geňeşiň mejlislerine ýolbaşçylyk edýär. Adatdan daşary ýagdaýlarda, mysal üçin, Federal geňeş belli bir sebäplere görä ýygnanyp bilmese, Şweýsariýanyň



Prezidenti birtaraplaýyn kararlar berip, gyssagly çäreleri görüp bilýär. Wiola Amerd Şweýsariýanyň fransuz dilli ikinji Prezidentidir.

# ŞA ZENAN OGLUNY TAGTA GEÇIRER

Daniýanyň Şa zenany Margrete II tagtda 52 ýyl oturanyndan soň wezipesinden çekiljekdigini mälim etdi. Indi ýurduň monarhiýasyna onuň ogly mirasdüşer Şazada Frederik ýolbaşçylyk eder.

– Men kakamyň ornuna geçenimden göni 52 ýyl soň – 14-nji ýanwarda Daniýanyň Şa zenany wezipesinden çekilýärin. Men oglum, şazada Frederike tagtymy galdyrýaryn – diýip, Şa zenan belledi.

83 ýaşly Şa zenan Margrete II uzak wagtlap tagtda oturan Ýewropanyň monarhlarynyň arasynda ikinji orunda durýar. Birinji orunda 2022-nji ýylda 96 ýaşynda aradan çykan britan Şa zenany Ýelizaweta II ýerleşip, Beýik Britaniýany 70 ýyl dolandyrdy. Margrete II 1972-nji ýylda tagta çykdy.

Şa zenany geçen ýyl häkimiýetden çekilmek barada pikirlenip ugrady. Tagtyň mirasdüşeri Frederik öýlenen we dört çagasy bar. Ol Daniýanyň Orhussk uniwersitetini tamamlady, şeýle-de, Garward



uniwersitetinde syýasy ylymlar boýunça aspiranturada okady.

Şazada Daniýanyň goşunynda gulluk edip, 2010-njy ýylda deňiz flotunyň serkerdeligine bellendi, şeýle-de harby-howa güýçlerinde polkownik wezipesine eýe boldy.

# Eýranyň BRICS-e agzalygy resmi taýdan başlandy

Eýranyň Daşary işler ministrliginiň metbugat sekretary Naser Kenani öz ýurdunyň BRICS-e agzalygynyň 1-nji ýanwarda resmi taýdan başlandygyny belledi. Ol bu barada Tähranda geçirilen metbugat ýygnagynda mälim etdi. Kenani Eýranyň BRICS-e agzalygynyň güýje girendigi barada durup geçip, öz ýurdunyň ozal gol çekilen şertnamanyň çäginde BRICS-iň agzasy hökmünde kabul edilendigini belledi.

– BRICS tarapyndan üpjün edilýän köptaraplaýyn platformanyň Eýran Yslam Respublikasyna beýleki ýurtlar bilen ykdysady hyzmatdaşlygy höweslendirmek we milli bähbitlere has gowy hyzmat etmek üçin goşmaça mümkinçilikleri döredýär – diýip, Naser Kenani aýtdy.

Kenani öz çykyşynda Eýranyň köptaraplaýyn hyzmatdaşlyga çynlakaý ymtylýandygyny, ony ösdürmek üçin hemişe tagalla edýändigini belledi. Onuň sözlerine görä, ýurduň BRICS-e doly hukukly agza bolmagy Eýranyň halkara abraýynyň barha ýokarlanýandygynyň nyşanydyr.

– Täze agzalaryň goşulmagy bilen BRICS halkara arenasynda täze agrama we ähmiýete eýe boldy. Eýran diplomatiýasy milli bähbitleri mundan beýläk-de gorap, halkara gatnaşyklarynda özüniň konstruktiw we täsirli ornuny artdyrar – diýip, Naser Kenani belledi.

Şeýle hem BRICS-iň başlyklygy 1-nji ýanwardan başlap Russiýa geçdi. 2024-nji ýylda gurama ýene-de birnäçe agzanyň goşulmagyna garaşylýar. Moskwa eýýäm 200-e golaý çäräni yglan etdi, şolardan 10-a golaýy ministrler derejesinde geçiriler.

Häzirki wagtda BRICS Russiýany, Hytaýy, Braziliýany, Hindistany we Günorta Afrika Respublikasyny birleşdirýär.



**Saud Arabystany BRICS-e resmi taýdan goşuldy**

«Saud Arabystany resmi taýdan BRICS guramasyna goşuldy» diýip, ýurduň «Al Ekhbariya» döwlet teleýaýlymy habar berdi. «Patyşalygyň BRICS guramasyndaky doly hukukly agzalygy resmi taýdan başlandy, bu ýurduň dünýä arenasyndaky ornuny berkider» diýlip, teleýaýlymyň habarynda aýdylýar. Guramanyň 2023-nji ýylyň awgustynda Ýohannesburgda guralan duşuşygynda Eýranyň, Efiopiýanyň, Müsüriň, Saud Arabystanynyň we BAE-niň 2024-nji ýylda BRICS-e goşuljakdygy barada karar kabul edildi.



# IŇ ULY AWTOULAG EKSPORTÇYSYNA ÖWRÜLDI

Hytaý 2023-nji ýylda Russiýanyň we Meksikanyň bazarlaryna iberilýän ulaglaryň artmagy netijesinde dünýäniň iň uly awtoulag eksportçysy boldy. Bu barada Ýaponiýanyň «Nikkei» neşiri habar berýär. Hytaý awtoulag öndürijiler birleşiginiň deslapky maglumatlaryna görä, ýanwar-noýabr aýlarynda Hytaýda ýygnalan awtoulaglaryň eksporty 58,4% ýokarlanyp, 4,41 milliona ýetdi. Şol döwürde Ýaponiýa üçin bu görkeziji 3,99 million awtoulag boldy we ýylyň dowamynda eksportyň umumy möçberi 4,3 milliona ýetdi. Soňky ýyllarda awtoulag eksportynda Ýaponiýa öňdeligi eýeledi, diňe 2016-njy ýylda Germaniýadan yza galdy.

Hytaýyň ornuny pugtalandyrmagynyň esasy sebäpleriniň biri, Russiýa bazaryndaky satuwlaryň köpelmegi boldy. 2023-nji ýylyň 11 aýynda Hytaý Russiýa Federasiýasyna, takmynan, 730 müň awtoulag iberdi, bu bolsa 2022-nji ýyldakydan ýedi esse köpdür. Russiýadan soň ikinji ýerde Meksika gelýär, ýylyň dowamynda bu ýurda hytaý awtoulaglarynyň iberilmegi 71% ýokarlanyp, 330 müňe ýetdi. Hytaýyň ulag öndürijileri Meksikada uly müşderi bazasyny döretmäge tagalla edip, bu ýagdaý ABŞ-nyň we Kanadanyň bazarlaryna içgin aralaşmaga ýardam berer. Hytaýdan Ýewropa ýurtlaryna iberilýän ulaglaryň sany hem artýar.

Şeýle hem Hytaý elektroulaglarynyň we alternatiw energiýa çeşmeleri bilen işleýän beýleki ulag serişdeleriniň dünýä eksportyny ep-esli giňeltdi. Hytaýyň elektroulaglary Ýewropadan başga-da, Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynda-da meşhurlyk gazanýar. Çünki ol ýerlerde adatça, ýapon kompaniýalary aýratyn orun eýeleýärdiler. Mysal üçin, elektrik hereketlendirijili hytaý awtoulaglarynyň Tailanda eksporty geçen ýyl bilen deňeşdirilende iki esse artypdyr.

# Ilkinji gezek 50 milliard dollardan geçdi

Russiýa bilen Hindistanyň arasyndaky söwda dolanyşygy geçen ýylyň 10 aýynda iki esse artyp, rekord derejede 54,7 milliard dollara deň boldy. Bu barada Hindistanyň gümrük maglumatlaryna salgylanyp, ýurduň habar beriş serişdeleri mälim etdi.

Şeýlelik bilen, 2023-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlarynda Hindistan rus harytlarynyň importyny iki esse ýokarlandyryp, 51,4 milliard dollara, öz önümleriniň Russiýa Federasiýasyna eksportyny 1,4 esse artdyryp, 3,3 milliard dollara ýetirdi. Şeýlelikde, söwda dolanyşygy 54,7 milliard dollara ýetdi, bu bolsa, 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, iki esse ýokary bolup, söwda gatnaşyklarynyň taryhynda iň uly ösüşdir.

Iki ýurduň söwda gatnaşyklarynyň okgunly ösüşi Russiýa Federasiýasyna Hindistanyň dördünji uly söwda hyzmatdaşy we ikinji möhüm üpjün edijisi bolup galmagyna mümkinçilik berýär.

Amerikanyň Birleşen Ştatlary bu ugurda öňdebaryjy bolup galýar, geçen ýylyň ýanwar-oktýabr aýlarynda ABŞ bilen Hindistanyň arasyndaky



söwda 9% azalsa-da 99,9 milliard dollara deň boldy. Ikinji orny Hytaý eýeleýär, üçünji orunda BAE gelýär. Saud Arabystany Hindistanyň iň uly söwda hyzmatdaşlarynyň başligine girýär.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# TÖTÄNLEÝIN OÝLANYP TAPYLAN IÝMITLER

**Dünýäde häzirki wagtda ulanylýan dürli gurallaryň, maddalaryň, derman serişdeleriniň we beýleki zatlaryň köpüsi tötänleýin diýen ýaly oýlanyp tapylýar. Olaryň arasynda iýmit önümleri hem bar. Ine, olaryň käbiri:**

● **Buzly doňdurma:** tomus paslynda kopleriň halaýan iýmitleriniň biri bolan doňdurmanyň bu görnüşini 11 ýaşly çagajyk oýlap tapýar. 1905-nji ýylda San-Fransiskoda Frenk Epperson atly oglanjyk suwa gabardyjy külke (düzümi natriý bikarbonat) goşup oýnaýan eken. Frenk içine gabardyjy külke garylan suwy gije eýwanda goýupdyr. Ertesi irden suwuň doňup buza öwrülendigini görüpdir we öz ýaşyndaky ähli çaganyň edip biläýjek işini edipdir – buldurap görünýän buzy daldyp görüpdir. Netijede, her tomus çagalaryň höwes bilen satyn alýan buzly doňdurmasy peýda bolýar.

● **Emeli süýjediji:** bu iýmit goşundysy adaty şekeriň deregine ulanylýar. Bu iýmitiň kaloriýasy ýok diýerlik derejede az. 1879-njy ýylda ABŞ-nyň Merilend ştatynyň Baltimor şäherindäki Jon Hopkins uniwersitetinde işleýän rus himigi Konstantin Falberg işden çykyp barýan wagty elinde süýji tagamyň bardygyny aňýar. Ol munuň laboratoriýada aşa köp gaýnadylan himiki elementlerden bolup biljekdigini pikir edýär. Soňra bolsa, himiki elementlerden garyndy taýýarlaýar we hemişelik ýaşaýan ýeri Germaniýa gaýdyp geleninde ilkinji süýjediji bolan saharini öndürýär.

● **Naços:** geçen asyryň ortalarynda birnäçe maşgala Meksikadaky garbanyşhanalaryň birine barýar. Garbanyşhananyň eýesi Ignasio Anaýa köplük bolup gelen müşderilerine gysga wagtda tagam taýýarlamaly bolýar. Anaýa bu sebitiň meşhur lawaşy hasaplanýan tortillalary kesişdirip gyzdyrýar we üstüne dürli iýmitler goýuşdyryp müşderilere hödür edýär. Ilkinji gezek taýýarlanan bu tagam müşderileriň göwnünden turýar. Şeýle bolansoň, onuň adyny soraýarlar. Ol bolsa kellesine gelen ilkinji ady aýdyp goýberýär – «Nacho's Especiales». Häzirki wagtda diňe naços ady bilen ýörgünli bolan bu nahar gyzdyrylan tortillanyň üstüne zeýtun, peýnir, ajy burç we beýleki huruşlaryň goýulmagy bilen taýýarlanýar.

● **Funduk kremi:** 1940-njy ýyllarda italiýaly nanbaý Pýetro Ferrero şokoladyň deregine ulanyp boljak arzan bahaly iýmiti döretmegiň aladasyny edýär. Birnäçe synanyşykdan soňra häzirki wagtda ertirlikde iýilýän funduk kremini oýlap tapýar. Aşpez bu iýmiti taýýarlamak üçin funduk, şeker we biraz kakaony garyşdyrypdyr.

● **Peýnirli mekgejöwen taýajyklary:** adaty ak patrakdan başga-da, mekgejöwenden çişirilip taýýarlanýan iýmit hem öndürilýär. Mekgejöwen taýajyklary ady bilen satylýan bu iýmitiň süýjüli, süýjisiz we dürli tagamly görnüşleri bar. Geçen asyryň 30-njy ýyllarynda bu iýmit ilkibaşda mallar üçin iým hökmünde oýlanyp tapylýar. Eduard Wilson atly amerikan inženeri bu iýmite ysly otlar goşulanda garbanmak üçin gowy iýmitler boljakdygyna göz ýetirýär.

● **Hawai pizza:** bu iýmiti 1950-nji ýyllarda Kanadadan Gresiýa göçüp baran doganlar oýlap tapýar. Doganlar öz restoranlarynda dürli del tagamlary taýýarlapdyrlar. Şol döwürde duz atylýan tagamlara şeker, şeker goşulýan tagamlara bolsa duz atylmaýan eken. Doganlaryň biri tagamynyň nähili boljakdygyny bilesi gelip, pizzanyň üstüne ananas bölejiklerini sepeleşdirýär. Netijede, ABŞ-nyň 50-nji ştatynyň adyny göterýän tagam peýda bolýar.

● **Doňdurma kökesi:** adamlar köp ýyldan bäri kagyz bölejiklerini konus görnüşinde epläp onuň içine çigit, tohum ýaly zatlary guýmak üçin ulanýarlar. 1904-nji ýylda ABŞ-nyň Missuri ştatynyň Sent-Luis şäherinde Bütindünýä sergisi geçirilýär. Sergide öz tagamlaryny myhmanlara hödür edýän Ernest A. Hamwi atly aşpeziň taýýarlan doňdurmasyny guýup bermek üçin gaby gutarýar. Ol bada-bat bişip duran wafilileri konus görnüşinde epläp, içine doňdurma guýup hödür edip başlaýar. Doňdurmany köke bilen bilelikde iýmek müşderileriň hem göwnüne ýaraýar. Netijede, doňdurma kökeleri peýda bolýar.









# ÝERDE-SUWDA ÝÖREÝÄN GÄMI

Zoologiýada ýerde-suwda ýaşaýan jandarlara amfibiýa diýilýär. Bu adalga suwda we gury ýerde hereket edip bilýän dürli ulaglar we beýleki serişdeler üçin hem aýdylýar. Olara awtoulaglar, awtobuslar, gaýyklar hatda welosipedler hem degişlidir. Polşada bolsa has täsin ulag bar. Ýurduň demirgazygyndaky Ilawa şäherinde birnäçe köl bar. Bu ýerde irki döwürlerden bäri köller, derýalar we kanallar ýük we ýolagçy gatnawy üçin peýdalanylýar. Tokaýlyk sebit bolandygy üçin irki döwürlerde agaç we agaç önümlerini daşamak üçin uly gämilerden peýdalanylypdyr. Mundan müň ýyl ozal gämiler Drwensa derýasy bilen günorta, ol ýerdenem Wisla derýasy bilen demirgazyga gidip, Baltika deňzine barýan eken. Soňra bolsa harytlar Ýewropa ýurtlaryna ugradylypdyr. XVI asyrda gdanskly täjirler hem-de fransuz we daniýaly gämi gurluşykçylary bu ýerden has köp agaç satyn alyp başlapdyrlar. Bu ýeriniň agaçlaryna islegiň ýokary bolmagy olaryň boýunyň uzyn bolmagy bilen bagly bolupdyr. Sebitiň tokaýlarynda boýy 50 metre ýetýän, şahasyz arçalar bitýän eken. Bu agaçlar ýelkenli gämiler üçin sütün hökmünde peýdalanylypdyr. Bu agaçlaryň gämiler bilen Drwensa hem-de Wisla derýalary arkaly Ýewropa barmagy üçin 6-8 aý gerek bolupdyr.

● **UZAK ÝOLY GYSGALDÝAR**

Gämi gurluşygy bilen meşgullanýan täjirler bu ýoly gysgaltmak üçin Wisla derýasynyň golaýyndaky alty sany kölden peýdalanmagyň aladasyny edip başlaýarlar. Gämileri bu kölleriň üsti bilen geçirip bolsa, Baltika deňzine barýan ýol bäş esse gysgaljak eken. Şeýlelikde, kölleriň arasynda kanal gurmak teklip edilýär. Emma şol günüň tehnologiýasy kanal gurmaga mümkinçilik bermändir. Sebäbi kölleriň deňiz derejesinden beýikligi biri-birinden tapawutly bolupdyr. Iki kölüň suwunyň derejesiniň arasynda 104 metr tapawut bar eken. Şol döwrüň gurluşykçylary bu meselä çözgüt tapyp bilmändirler. Şeýle-de bolsa täjirler uzak ýyllaryň dowamynda bu taslamany durmuşa geçirmegiň aladasyny edipdirler. 1825-nji ýylda Ostruda we Elblong şäherleriniň arasynda hem-de bir ujy deňze baryp ýetýän kanaly gurmak kararyna gelinýär. 1837-nji ýylda ýük gämileriniň kanaldan geçmeklerine mümkinçilik berjek meýilnama taýýarlanýar. 1844-nji ýylda suw desgasynyň gurluşygyna başlanýar. Ilkibaşda kanallaryň suwunyň derejesini deňlemek üçin kiçiräk kanal gurulýar. Şeýlelikde, käbir kölde suwuň derejesi 5 metr çemesi azalýar. Muňa garamazdan, kölleriň suwunyň derejesiniň arasynda 100



metre golaý tapawut bolýar. Bu meseläni çözmek üçin 25 sany howdanyň gurulmagy meýilleşdirilýär. Bäş howdan gurlandan soňra bu usulyň netije bermejekdigi, gämi gatnawynda dyknyşyga getirjekdigi belli bolýar. Soňra taslamanyň baş inženeri ABŞ-a gidip Nýu-Jersi ştatyny boýdan-başa kesip geçýän Morris kanalyndaky şeýle meseläniň nähili çözülendigini öwrenýär. Netijede, gämileri bir kölden beýlekisine gury ýer arkaly polat urganlar bilen çekip geçirmek kararyna gelinýär. Şeýlelikde, täze howdanlar gurulman, gämileri kölleriň arasyndan demir ýoluň üsti bilen urganlar arkaly çekýän usul oýlanyp tapylýar. 1860-njy ýylda şeýle desgalaryň birnäçesi gurulýar we bu usul oňyn netije berýär. Elbetde, gämileri kölleriň arasynda birnäçe ýerde gury ýerden geçirmek üçin açylyp-ýapylýan bentlere, ýüpi çekmek üçin mehanizmlere we beýleki zatlara hem zerurlyk duýulýar.

Gämileri kölleriň arasynda birneme ýapgyt depeden geçirmeli bolýar. Bu ýerde suw degirmeniniň çarhy ýaly suwuň akymyndan peýdalanylypdyr. Gury ýerde gämini diňe suwuň güýji bilen işleýän bu mehanizm çekýär. Bu bolsa, äpet gämileri şol döwürlerde has aňsat, çykdajysyz we daşky gurşaw üçin zyýansyz ýagdaýda depäniň beýleki tarapyna geçirmäge mümkinçilik beripdir. Täsin ýeri, bu desgalar häzirki wagtda hem bökdençsiz işleýär. Ostruda we Elblong şäherleriniň arasynda gury ýerden, köllerden we kanallardan geçýän gämi ýolunyň uzynlygy 82 kilometre, deňze çenli baryp ýetýän umumy uzynlygy bolsa 212 kilometre ýetipdir. Şeýlelikde, dünýäde deňi-taýy bolmadyk Elblong kanaly emele gelýär.

● **GEZELENÇ MAKSATLY ULANYLÝAR**

Häzirki wagtda täze ýollaryň gurulmagy netijesinde bu suw ýolunyň ähmiýeti ozalkysyndan azaldy. Şeýle bolansoň,



kanaldan, esasan, gezelenç maksatly motorly kiçi gämiler, ýelkenli gämiler, gaýyklar we gezelenç gämileri geçýär. Bu gezelençlere syýahatçylar uly isleg bildirýär. Bu gämileriň ýolagçylary ilki suwuň ýüzünde, soňra bolsa demir ýol ulagy arkaly gury ýerde tokaýlaryň, batgalyklaryň ajaýyp manzarynyň arasynda syýahat edýärler. Syýahatçylar golaýdaky batgalyklarda ýaşaýan dürli guşlary we beýleki jandarlary hem görmäge mümkinçilik alýarlar.

## ÇAGALAR

**Akulanyň iň kiçi görnüşiniň ululygy bary-ýogy 20 santimetr çemesi bolup, Atlantik ummanynda uly bolmadyk çäkde ýaşaýar.**

# Gojanyň altynlary

**Ir zamanlarda bir goja bagy-bossanlyga bürenen howlusynyň bir künjündäki öýünde ýaşaýan eken. Husytlykda ýakasyny tanadan bu goja gazanan pullaryny altyna öwrüp, howlusyndaky uly daşyň astynda gizläp goýupdyr. Ol her gije ýatmazyndan öň daşy galdyryp, altynlaryny sanap, ýene-de üstüni mäkäm ýapýan eken. Günleriň bir güni bu ýagdaý gijäniň ümüş-tamşynda gojanyň howlusynyň töwereginde ygyp ýören bir ogrynyň ünsüni çekýär. Ogry il ýatyp, it uklansoň hälki daşy galdyryp, altynlaryň baryny haltasyna gapgaryp, ol ýerden garasyny saýlaýar.**

**Ertesi gije goja altynlaryny sanamaga baranda, olaryň ýokdugyny görüp, uly ili bilen ses edip aglap başlaýar. Onuň sesine allaniçiksi bolan goňşusy atylyp daş çykýar-da, «Goňşy, eýgilikmidir!» diýip gygyrýar. Goja bolan ýagdaýy goňşusyna gürrüň berýär. Şonda goňşusy:**

**– Sen näme üçin altynlaryňy öýüňde saklamadyň? Öýde dursa has ygtybarly bolmazdymy näme! Onsoňam elýeter ýerde dursa gerek wagty sowalgaňy aňsat alyp bilerdiň ahyryn! - diýipdir.**

**Husyt goja ör-gökden gelip:**

**– Sen nämäniň gürrüňini edýäň. Men o altynlary saga-sola dargatmak üçin ýygnamadym – diýip, kes-kelläm garşy çykypdyr. Muňa geň galan goňşusy:**

**– Beýle bolsa, altyna derek daş saklaýmaly ekeniň-dä. Daşlaryňam seniň sowup bilmejek altynyňdan tapawudy ýok – diýip, pert jogap beripdir.**

**Eliňdäki mümkinçiligiň gymmaty ony ulanyp bilşiňe baglydyr.**



# FEÝERWERKLERIŇ TARYHY

Her ýurtda milli baýramlarda, Täze ýylda, sport çärelerinde we beýleki belli senelerde feýerwerk atmak däbi bar. Feýerwerkleriň biri-birinden owadan, reňkli uçgunlary tomaşa edýänlerde ýakymly ýatlamalary galdyrýar. Eýsem, feýerwerk ilkinji gezek nirede peýda bolduka?

Ilki bilen sözüň gelip çykyşyna seredeliň! Feýerwerke iňlis dilinde «firework» diýilýär. «Fire» ot, «work» iş diýmegi aňladýar. Bu sözüň niderlandçasy «vuurwerk», nemesçesi «Feuerwerk». Feýerwerkiň bu dillerden iňlisçä geçendigi çaklanylýar. Sebäbi, taryhy çeşmelerde feýerwerk diýmegi aňladýan sözüň niderlandçasyna 1540-njy ýyllarda, iňlisçesine 1575-nji ýyllarda duşmak bolýar. Sözüň nemesçesine-de (Feuerwerk) XVI asyrdaky çeşmelerde gabat gelinýär. Orta ýokary nemesçede bolsa XIV asyrdaky çeşmelerde «ýangyç» ýa-da «ýakmak üçin odun» many-



syndaky «viurwerc» sözi bar. Ýewropada ilkinji feýerwerkler XIV asyryň ahyrlarynda Italiýada öndürilipdir.

Ilkinji feýerwerkleriň iki müň ýyl mundan ozal Hytaýda ýüze çykandygy çaklanylýar. Hytaýlylar feýerwerk ýasamak üçin bambukdan peýdalanypdyrlar. Bambugyň baldagy gyzdyrylypdyr. Onuň içindäki howa bolsa gyzyp ýarylypdyr. Häzirki wagtda hytaýçada (mandarin şiwesi) ses çykaryp ýarylýan içi az därili taýajyklara «Baozhu» diýilýär. Bu söz atylýan bambuk diýmegi aňladýar.

600-nji ýyllardan soňra hytaýlylar feýerwerkleri biraz kämilleşdiripdirler. Bambugyň baldagynyň içine däri guýlup, ony içinde ot ýanyp duran çukura atypdyrlar. Ýalpyldap görünmegi üçin demir bölejiklerini goşupdyrlar. Bu däp, esasan, baýramçylyklarda ýerine ýetirilipdir.

XIII asyrda ýanýan bambuklar Ýewropa ýurtlaryna äkidilipdir. Tehnologiýanyň ösmegi netijesinde has kämil feýerwerkler peýda bolupdyr.

# TEBIGY HYZMATDAŞLAR

Edil adamlar ýaly beýleki janly-jandarlar hem öz aralarynda hyzmatdaşlyk edýärler. Iki tarap üçin hem peýdaly bolýan bu hyzmatdaşlyk diňe haýwanlaryň arasynda däl, eýsem, haýwanlar bilen ösümlikleriň, ösümlikler bilen ösümlikleriň hatda bakteriýalaryň arasynda hem bolup geçýär. Mysal üçin, arylar we beýleki mör-möjekler dürli ösümlikleriň güllerine gonup, özleri üçin gerek bolan iýmiti toplaýar. Ösümlikler bolsa arylaryň gülden-güle geçmegi netijesinde has köp miwe ýa-da tohum berýär. Üns beren bolsaňyz, oba baranyňyzda sygryň üstüne gonup oturan guşlary görensiňiz. Guşlar malyň derisindäki gurçugy ýa-da ony bimaza edýän mör-möjekleri iýýär. Guş garnyny doýurýar, sygyr bolsa, özüni gününe goýmaýan mör-möjeklerden halas bolýar. Bu ýagdaý ýabany tebigatda hem duş gelýär. Telewizorda ýabany tebigat bilen bagly gepleşiklere tomaşa eden bolsaňyz, ýolbarsyň, piliň, keýigiň üstünde gorkman gezmeläp ýören guşlary hem görensiňiz. Dürli organizmleriň arasyndaky bu gatnaşyga ylymda mutualizm diýilýär. Geliň, muňa käbir mysallar getireliň!

● **Antilopa we garasar:** bu iki jandar hem Afrikanyň merkezi we gündogar sebitlerinde ýaşaýar. Howanyň yssy günlerinde bu uly şahly jandarlary çybyn-çirkeýler bimaza edýär.



Mör-möjekler bilen iýmitlenýän guşlar bolsa, onuň üstüne gonup, hem garnyny doýurýar, hem-de özünden ep-esli uly hyzmatdaşyny azar berýän jandarlardan goraýar. Şeýle gatnaşyk beýleki birnäçe süýdemdiriji jandarlaryň we guşlaryň arasynda hem bar.

● **Masgarabaz balygy hem-de deňiz anemonlary:** deňiz anemonlarynyň beýleki janly-jandarlara garşy ýiti uçly



ösüntgileri bolýar. Ösümlik özüni iýmek üçin baran deňiz jandarlaryna «tikenlerini» çümdürýär. Emma «Nemonyň gözleginde» multfilminiň baş gahrymany bolan masgarabaz balygyna degmeýär. Sebäbi bu balyjak deňiz anemonlaryna zeper ýetirýän zyýan berijileri iýýär. Şeýlelikde, balyjak bu ösümligiň arasynda gizlenip, güýçli duşmanlaryndan goranýar.

● **Akula we remora:** Süňkli balygyň bir görnüşi bolan remoralaryň uzynlygy



bir metrden geçýär. Bu jandarlar, köplenç, akulalaryň gapdalynda, olar bilen bilelikde ýüzýär. Remora akulanyň derisine ýapyşan zatlar bilen iýmitlenýär. Ýagny onuň derisini arassalaýar.

● **Krokodil we müsür ýüwrügi:** dünýäde krokodili ellemäge milt edip biljek adam az bolsa gerek. Sebäbi bu gorkunç jandar ullakan ýabany öküzi ýa-da keýigi güýçli agzy bilen çekip, suwa gark edip bilýär.



Tutan awuny çeýnemän, goparan ýerinden ýuwudýar. Emma müsür ýüwrügi atly guşjagaz onuň agzyna girip, ýiti dişleriniň arasynda gezýär. Köplenç, krokodil yssy howada agzyny açyp ýatýar. Bu guşjagaz bolsa, onuň agzyna girip, dişiniň arasynda galan iýmit bölejiklerini iýýär. Şeýlelik bilen, guşjagaz garnyny doýurýar, krokodil bolsa dişini arassalaýar. Şeýdip, ikisi-de birek-birege kömek edýär.

Şekili reňkläň!



Labirint



Gyzykly pursat



## Bir sözlemde...

- Her ýylyň ilkinji gününde geçirilýän «NHL Classic» açyk meýdandaky hokkeý duşuşygynda «Wegas Golden Naýt» topary Seattlda oýnalan oýunda «Seattl Krakenden» 3-0 hasabynda asgyn geldi.
- «Mançester Ýunaýted» topary niderland ýarymgoragçysy Donni wan de Beki möwsümiň ahyryna çenli Germaniýanyň «Aýntraht» toparyna kärendesine ugratdy (möwsümiň ahyrynda 11+4 million ýewro satyn alyp biler).
- Angliýanyň 2-nji ligasynyň «Birmingem» topary 38 ýaşly tälimçisi Weýn Runini tälimçilikden boşatdy (wezipä bellenende 6-njy orundady, häzirki wagtda 20-nji orna düşdi).
- «Tottenhamda» 11 möwsüm çykyş eden 37 ýaşyndaky fransiýaly derwezeçi ABŞ-nyň «Los Anjeles FK» kluby bilen 1+2 ýyllyk şertnama baglaşdy.

## Şu gün 46-njy Dakar Rallisine badalga berler

Şu gün 46-njy gezek geçiriljek Dakar Rallisine badalga berler. 5-nji gezek Saud Arabystanynyň çäginde geçirilýän ýaryşyň synag tapgyry şu gün guralar we ertirden başlap, resmi bäsleşikler ýola goýlar. Ýaryş ýurduň Al-U'la gadymy şäherinden badalga alar we 19-njy ýanwarda Ýanbu şäherinde tamamlanar. 400-den gowrak sürüjiniň gatnaşýan ýaryşy jemi 12 tapgyrdan ybarat bolar. 13-nji ýanwar sürüjileriň dynç güni bolup, olar tapgyrlaryň arasyndaky aralyklary hasaba alanyňda, umumylykda 7 müň 891 kilometrlik ýol geçerler. Ýöne onuň 4 müň 727-si ýaryşa degişli bolup, bu ýyl Dakar Rallisiniň maksatnamasyna 2 günlük marafon bäsleşigi hem girizildi. Sürüjiler umumylykda ulaglaryň 8 görnüşi (motosikl, ýeňil ulaglar, ýük ulaglary, kwadrasikl, T3, SSV, nusgawy ýeňil ulaglar, nusgawy ýük ulaglary) boýunça bäsleşerler.

Dakar Rallisinde şu wagta çenli iň köp fransiýaly Stefen Piterhansel ýeňiş gazanyp, ol ýeňil ulag görnüşinde 8, motosikl bilenem 6, jemi 14 gezek çempion boldy.





### Hepdäniň esasy duşuşyklary

*5-nji ýanwar (anna)*
**Bolonýa – Jenoa (00:45)**
*6-njy ýanwar (şenbe)*
**Inter – Werona (16:30)**
*7-nji ýanwar (ýekşenbe)*
**Empoli – Milan (16:30)**
**Torino – Napoli (19:00)**
**Arsenal – Liwerpul (21:30)**
**Salernitana – Ýuwentus (22:00)**
**Roma – Atalanta (00:45)**
*9-njy ýanwar (sişenbe)*
**Middlsbro – Çelsi (01:00)**
*10-njy ýanwar (çarşenbe)*
**Liwerpul – Fulham (01:00)**
**Real Madrid – Atletiko (00:00)**

# AFK Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi

Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpurda AFK Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, Günbatar zolakda Özbegistanyň «Nasaf» topary BAE-niň «Al-Ain» topary bilen bije çekişdi. Iki arap kluby hem bije çekişip, «Al Faýha» bilen Ronaldonyň çykyş edýän «Al Nassr» topary duşuşar. Eýranyň «Sepahan» toparynyň bijesine Saud Arabystanynyň «Al Hilal» topary çykdy. Özbegistanyň «Nawbahor» topary-da Saud Arabystanynyň «Al-Ittihad» topary bilen çärýek finala çykmak üçin özara güýç synanyşarlar.



Gündogar zolakda-da Günorta Koreýanyň «Çeonbuk Hýundai Motors» topary bilen ýurduň başga bir kluby «Phohan Stilers» duşuşar. Başga bir koreý kluby «Ulsan Hýundai» bilenem ýapon kluby «Wentforet Kofu» topary özara bije çekişdi. Hytaýyň «Şandon Taişan» toparynyň bijesine-de Ýaponiýanyň öňdebaryjy klublaryndan «Kawasaki Frontal» çykdy. Tailandyň «Bangkok Ýunaýted» kluby bilenem ýaponlaryň «Ýokohama F. Marines» topary çärýek final ugrunda 1/8 finalda duşuşarlar.

1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary 12–14-nji fewralda, jogap oýunlary-da 19–21-nji fewralda geçiriler.

**GÜNBATAR ZOLAGY**

«Nasaf» (Özbegistan) – «Al-Ain» (BAE)

«Al Feýha» (Saud Arabystany) – «Al Nassr» (Saud Arabystany)

«Sepahan» (Eýran) – «Al Hilal» (Saud Arabystany)

«Nawbahor» (Özbegistan) – «Al-Ittihad» (Saud Arabystany)

**GÜNDOGAR ZOLAGY**

«Çeonbuk Hýundai Motors» (Günorta Koreýa) – «Phohan Stilers» (Günorta Koreýa)

«Ulsan Hýundai» (Günorta Koreýa) – «Wentforet Kofu» (Ýaponiýa)

«Şandon Taişan» (Hytaý) – «Kawasaki Frontal» (Ýaponiýa)

«Bangkok Ýunaýted» (Tailand) – «Ýokohama F. Marines» (Ýaponiýa)

**AFK KUBOGY**

Toparçalardan soňky tapgyrlary has çylşyrymly bolan AFK Kubogynda-da Awstraliýanyň «Makartur FK» topary bilen Malaýziýanyň «Sabah» toparlary bije çekişdi. Bu duşuşygyň ýeňijisi ASEAN zolagynyň finalynda Awstraliýanyň «Sentral Koast Mariners» ýa-da Kambojanyň «Pnompen Krown» topary bilen duşuşar. 1 oýun esasynda boljak duşuşyklar 13-nji fewralda geçiriler.

Ýeňiş gazanan klub bolsa Inter zolagynyň finalynda Hindistanyň «Odişa» kluby bilen güýç synanyşar. «Odişa» ýa-da ASEAN zolagynyň ýeňijisi bolsa Gyrgyz Respublikasynyň wekili «Abdyş-Ata» topary bilen Hytaý Taýpeýiniň «Taiçun Futuro» toparynyň arasyndaky 6-njy hem-de 13-nji martda geçiriljek oýunlarda ýeňiş gazanan klub bilen duşuşar.

Günbatar zolakdada «Al-Riffa» (Bahreýn) – «Al-Nahda» (Oman) hem-de «Al Ahed» (Liwan) – «Al-Karabaa» (Yrak) duşuşyklary geçiriler. 12-13-nji hem-de 19-20-nji fewralda geçiriljek ýarym finalda ýeňiş gazanan toparlar Günbatar zolagyň finalynda duşuşar. Günbatar zolagyň çempionyda AFK Kubogy 2024-iň finalynda Inter zolagyň çempiony bilen özara güýç synanyşar.

**ASEAN ZOLAGY**

Ýarym final: «Makartur FK» (Awstraliýa) – «Sabah» (Malaýziýa), «Sentral Koast Mariners» (Awstraliýa) – «Pnompen Krown» (Kamboja); final: «Makartur»/«Sabah» – «S. Koast Mariners»/«Pnompen Krown»

**INTER ZOLAGY**

Ýarym final: ASEAN zolagynyň çempiony – «Odişa» (Hindistan), «Abdyş-Ata» (Gyrgyz Resp.) – «Taiçun Futuro» (H. Taýpeýi); final ASEAN zolagynyň çempiony/«Odişa» – «Abdyş-Ata»/«Taiçun Futuro»

**GÜNBATAR ZOLAGY**

Ýarym final: «Al-Riffa» (Bahreýn) – «Al-Nahda» (Oman), «Al Ahed» (Liwan) – «Al-Karabaa» (Yrak)

# Çärýek finalda Rim derbisi oýnalar

Italiýanyň Kubogy ýaryşynda çärýek finalçylaryň ýene-de 3-si belli boldy. «Milan» öz meýdançasynda «Kaliari» toparyny 4–1 hasabynda ýeňdi. «Milana» uly hasaply ýeňiş getiren gollary Luka Ýowiç (29, 42), Traore (50) hem-de Leao (90+1) geçirdi. «Atalanta» bolsa öz meýdançasynda «Sassuolodan» 3–1 hasabynda üstün çykdy. Gollaryň 2-sini 24-nji we 63-nji minutlarda De Ketelare, beýlekisini-de 71-nji minutda Miranςuk derwezä girizdi.



«Roma» bilen «Kremonese» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da myhmanlar Sadjutyň 37-nji minutdaky goly bilen 1–0 öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymda özüni dürsän rimliler Lukakunyň (77) hem-de Dibalanyň (85 p) gollary bilen ýeňşini baýram etdi. Soňky çärýek finalçyda «Ýuwentus»-«Salernitana» duşuşygyndan soň belli bolar.

9-11-nji ýanwarda oýnaljak çärýek finalda «Fiorentina»–«Bolonýa», «Milan»–«Atalanta», «Lasio»–«Roma» hem-de «Ýuwentus»/«Salernitana»–«Frozinone» duşuşyklary geçiriler.

# PSŽ-niň 12-nji Super Kubogy

Fransiýanyň Super Kubogy duşuşygynda çempion PSŽ bilen Kubogyň eýesi «Tuluza» duşuşdy. Parižděki «Park de Prens» stadionynda geçirilen oýunda PSŽ 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Turuwbaşdan oýnuň jylawyny elinde saklan parižlileriň gollaryny 3-nji minutda Li Kan In hem-de 44-nji minutda Kilian Mbappe geçirdi.




Şunlukda, PSŽ topary bassyr 2-nji, umumylykda-da 12-nji gezek Fransiýanyň Super Kubogyny gazanmagy başardy. PSŽ topary 2013-nji ýyldan soň diňe 2021-nji ýylda bu kubogy gazanyp bilmedi. PSŽ ondan öňem 1995-nji we 1998-nji ýyllarda bu kubogy eýeläpdi. Ispaniýaly tälimçi Luiz Enrike PSŽ-däki ilkinji kubogyny asmana göterdi.

«Tuluza» topary bolsa 1957-nji ýyldan soň 2-nji gezek Super Kubogy duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy.

# Pariž 2024, EURO 2024, Kopa Amerika — ýylyň esasy sport çäreleri

Sport janköýerleri üçin 2024-nji ýyl sport guramaçylyklaryna örän baý ýyl bolar. Sportuň iň uly guramaçylygy bolan Olimpiýa oýunlary, futbol boýunça Ýewropanyň, Günorta Amerikanyň, Aziýanyň, Afrikanyň, şol sanda Okeaniýanyň çempionatlary, tomusky Paralimpiýa oýunlary, suw sportlary, figuralaýyn typmak, ýapyk desgada ýeňil atletika boýunça nobatdaky dünýä birinjiligi ýaly guramaçylyklar ýylyň iň esasy sport çäreleriniň hatarynda görkezilýär. Bulardan başga-da, her ýyl dowam edýän tennis boýunça «Uly tuwulga», «Masters» ýaryşlary, 3 uly welosiped bäsleşigi, UEFA Çempionlar Ligasy, Dakar Rallisi, F1 bäsleşikleri, marafon ylgawlary, NBA, NHL, «Super Bowl» duşuşyklary, boks tutluşyklary 2024-nji ýyly bezejek sport çäreleridir.




Aşakda geçiriljek sport çäreleriniň esasylary berlip, käbirleriniň geçiriljek wagty-da öňümizdäki günlerde kesgitlener.

*5–19-njy ýanwar:* 46-njy Dakar Rallisi (Saud Arabystany)
*8–14-nji ýanwar:* Figuralaýyn typmak boýunça Ýewropa çempionaty (Litwa)
*12-nji ýanwar – 10-njy fewral:* **Futbol boýunça 18-nji Aziýa Kubogy (Katar)**
*13-nji ýanwar – 11-nji fewral:* **Futbol boýunça 34-nji Afrika Milletler Kubogy (Kot-d'Iwuar)**
*15–28-nji ýanwar:* 112-nji «Awstraliýa Açyk» «Uly tuwulga» tennis ýaryşy (Melburn – Awstraliýa)
*19-njy ýanwar – 2-nji fewral:* Ýaşlaryň arasynda IV gyşky Olimpiýa oýunlary (Kanwondo – G. Koreýa)
*25–28-nji ýanwar:* Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki ilkinji ýaryşy (Monte Karlo – Monako)
*2–18-nji fewral:* **Suw sportlary boýunça 21-nji Dünýä çempionaty (Katar)**
*2-nji fewral – 16-njy mart:* Regbi boýunça «Alty millet» kubogy
*11-nji fewral:* LVIII «Super Bowl» duşuşygy (Newada – ABŞ)
*15–25-nji fewral:* Kenarýaka futboly boýunça 12-nji Dünýä Kubogy (BAE)
*17-nji fewral:* Taýson Fýuri – Aleksandr Usyk boks duşuşygy (ER-Riýad – Saud Arabystany)
*18-nji fewral:* 73-nji «NBA All Star» duşuşygy (Indianapolis, ABŞ)
*18-nji fewral:* «NASCAR Cup Series» awtoulag ýaryşynyň 77-nji möwsüminiň ilkinji bäsleşigi – Daýtona 500 (Florida – ABŞ)
*20-nji fewral – 10-njy mart:* Futbol boýunça «KONKAKAF Altyn Kubok» zenanlar çempionaty (ABŞ)
*24-nji fewral – 6-njy mart:* Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça 6-njy Aziýa oýunlary (Bangkok, Çonburi – Tailand)
*1–3-nji mart:* **Ýapyk binalarda ýeňil atletika boýunça 19-njy Dünýä çempionaty (Glazgo – Birleşen Patyşalyk)**
*2-nji mart:* Formula 1 boýunça 75-nji möwsümiň ilkinji ýaryşy (Manila – Bahreýn)
*10-njy mart:* Moto GP boýunça 76-njy möwsümiň ilkinji ýaryşy (Lusail – Katar)
*18–24-nji mart:* Figuralaýyn typmak boýunça Dünýä çempionaty (Monreal – Kanada)
*8–14-nji aprel:* Golf boýunça 87-nji «Masters» bäsleşigi (ABŞ)
*15-nji aprel – 3-nji maý:* Futbol boýunça 6-njy AFK U-23 Aziýa Kubogy (Katar)
*17–28-nji aprel: Futzal boýunça erkekleriň arasynda 17-nji Aziýa Kubogy (Bangkok – Tailand)*
*21-nji aprel:* 44-nji London marafony (London – Beýik Britaniýa)
*4–26-njy maý:* 107-nji «Giro d'Italia» welosiped bäsleşigi (Italiýa)
*8–12-nji maý:* Golf boýunça 35-nji «The Tradition» bäsleşigi (ABŞ)
*10–26-njy maý:* Hokkeý boýunça erkekleriň arasynda 87-nji Dünýä çempionaty (Praga, Ostrawa – Çehiýa)
*13–19-njy maý:* Golf boýunça 106-njy «PGA Championship» bäsleşigi (ABŞ)
*22-nji maý:* UEFA Ýewropa Ligasynyň 2023/24 möwsüminiň finaly (Dublin – Irlandiýa)
*26-njy maý:* Formula 1 boýunça Monako «Gran Prisi» (Monte Karlo – Monako)
*26-njy maý – 8-nji iýun:* 123-nji «Fransiýa Açyk» «Uly tuwulga» tennis ýaryşy (Pariž – Fransiýa)
*29-njy maý:* UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň 2023/24 möwsüminiň finaly (Afiny – Gresiýa)
*1-nji iýun:* **UEFA Çempionlar Ligasynyň 2023/24 möwsüminiň finaly (London – Angliýa)**
*14-nji iýun – 14-nji iýul:* **EURO 2024 – futbol boýunça 17-nji Ýewropa çempionaty (Germaniýa)**
*15–25-nji iýun:* Futbol boýunça 11-nji Okeaniýa çempionaty (Wanuatu)
*20-nji iýun – 15-nji iýul:* **Futbol boýunça 48-nji Kopa Amerika çempionaty (ABŞ)**
*29-njy iýun – 21-nji iýul:* 111-nji «Tour de France» welosiped bäsleşigi (Fransiýa)
*1–14-nji iýul:* **137-nji «Wimbledon» «Uly tuwulga» tennis ýaryşy (London – Beýik Britaniýa)**
*18–21-nji iýul:* 151-nji «Open Championship» golf bäsleşigi (Beýik Britaniýa)
*26-njy iýul – 11-nji awgust:* **Pariž 2024 – XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlary (Pariž – Fransiýa)**
*26-njy awgust – 8-nji sentýabr:* 144-nji «Amerika Açyk» «Uly tuwulga» tennis ýaryşy (Nýu Ýork – ABŞ)
*28-nji awgust – 8-nji sentýabr:* **Pariž 2024 – tomusky Paralimpiýa oýunlary (Pariž – Fransiýa)**
*31-nji awgust – 22-nji sentýabr:* Futbol boýunça zenanlaryň arasynda 11-nji FIFA U-20 Dünýä Kubogy (Kolumbiýa)
*5-nji sentýabr:* Amerikan futbol milli ligasy NFL-iň 105-nji möwsüminiň başlangyjy (ABŞ)
*16-njy sentýabr – 6-njy oktýabr:* **Futzal boýunça erkekleriň arasynda 10-njy FIFA Dünýä Kubogy (Özbegistan)**
*20–22-nji sentýabr:* Tennis boýunça Lawer Kubogy (Berlin – Germaniýa)
*22-nji sentýabr:* Berlin marafony (Berlin – Germaniýa)
*6-njy oktýabr:* Çikago marafony (Çikago – ABŞ)
*25-nji oktýabr:* Beýsbol «World Series» final duşuşygy (ABŞ)
*28-nji oktýabr – 3-nji noýabr:* «WTA Finals» tennis ýaryşy (Hytaý)
*29-njy oktýabr – 3-nji noýabr:* «Pariž Masters» tennis ýaryşy (Pariž – Fransiýa)
*3-nji noýabr:* Nýu Ýork marafony (Nýu Ýork – ABŞ)
*10–17-nji noýabr:* «ATP Finals» tennis ýaryşy (Turin – Italiýa)
*19–24-nji noýabr:* Dewis Kubogy final tapgyry (Germaniýa)
*28-nji noýabr – 15-nji dekabr:* Gandbol boýunça zenanlaryň arasynda Ýewropa çempionaty (Awstriýa, Wengriýa, Şweýsariýa)
*8-nji dekabr:* Formula 1 boýunça möwsümiň iň soňky ýaryşy (Abu Dabi – BAE)

### PREMIER LEAGUE (20) — 35 gol

**Luton—Çelsi: 2–3** (Barkli 80, Adebaýo 86 — Palmer 12, 70, Madueke 37), **Aston Willa—Börnli: 3–2** (Beýli 28, Diabi 42, Duglas Luis 89 p — Amduni 30, Foster 72), **Wulwerhempton—Ewerton: 3–0** (Kilmen 25, Mateus Kunýa 53, Dowson 61), **K. Palas—Brentford: 3–1** (Olise 14, 58, Eze 39 — Lýuwis-Potter 2), **M. Siti—Şeffild Ý.: 2–0** (Rodri 14, Alwares 61), **N. Forest—M. Ýunaýted: 2–1** (Dominges 64, Gibbs-Waýt 82 — Reşford 78), **Tottenham—Bornmut: 3–1** (Sarr 9, Son 72, Rişarlison 30 — Skott 84), **Fulham—Arsenal: 2–1** (Himenes 29, De Kordowa-Rid 60 – Saka 5), **Liwerpul—Nýukasl: 4–2** (Salah 49, 86 p, Jons 74, Gakpo 78 — Isak 54, Botman 82), **West Ham—Braýton: 0–0**

### LA LIGA (19) — 21 gol

**Hetafe—Raýo Wallekano: 0–2** (Kamelio 45+1, 47), **Real Sosiedad—Alawes: 1–1** (Subimendi 90+6 — Rioha 76 p), **Walensiýa—Wilýarreal: 3–1** (Ýaremçuk 4, Pepelu 27 p, 57 p — Moreno 73), **Granada—Kadiz: 2–0** (Uzuni 22, Saragosa 70), **Real Madrid—Malýorka: 1–0** (Rüdiger 78), **Selta—Betis: 2–1** (Aspas 16 p, Swedberg 90+6 — Ruibal 6), **Žirona—Atletiko: 4–3** (Fernandes 2, Sawio 26, Blind 39, Martin 90+1 — Morata 14, 44, 54), **Osasuna—Almeriýa, Sewilýa—Atletik, Las Palmas— Barselona**

### SERIE A (18) — 22 gol

**Fiorentina—Torino: 1–0** (Ranieri 83), **Napoli—Monza: 0–0, Lasio—Frozinone: 3–1** (Kastelýanos 70, Isaksen 72, Patrik 84 — Sule 57 p), **Jenoa—Inter: 1–1** (Dreguşin 45+7 — Arnautowiç 42), **Atalanta—Leççe: 1–0** (Lukmen 58), **Udineze—Bolonýa: 3–0** (Pereýra 23, Lukka 48, Paýero 52), **Kaliari—Empoli: 0–0, Milan—Sassuolo: 1–0** (Pulişiç 59), **Werona—Salernitana: 0–1** (Çauna 48), **Ýuwentus—Roma: 1–0** (Rabio 47)

### SPL (19) — 19 gol

**Al Ahli—Al Halij: 1–0** (Kessi 90+9 p), **Al Raed—Abha: 4–3** (Al Subaie 21, Fuzair 46, El Berkaui 50, Gonzales 90+7 — Al-Ali 17, 45+3, Nogera 67), **Al Faýha—Al Hilal: 0–2** (Al Bulaihi 86, Mitrowiç 90+11 p), **Al-Riýad—Damak: 1–0** (Andre Greý 51), **Al-Ittifak—Al Hazm: 1–1** (Demarai Greý 70 – Toze 90+1 p), **Al Taawun—Al Nassr: 1–4** (El-Mahdui 13 — Brozowiç 26, Laport 35, Otawio 50, Ronaldo 90+2), **Al-Şabab—Al-Wehda: 1–0** (Radif 85), **Al Fateh—Al Uhdud: 0–0, Al-Tai—Al-Ittihad** (7-nji fewralda)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 20 | 13 | 6 | 1 | 43-18 | 45 |
| 2 | ASTON WILLA | 20 | 13 | 3 | 4 | 43-27 | 42 |
| 3 | MAN. SITI | 19 | 12 | 4 | 3 | 45-21 | 40 |
| 4 | ARSENAL | 20 | 12 | 4 | 4 | 37-20 | 40 |
| 5 | TOTTENHAM | 20 | 12 | 3 | 5 | 42-29 | 39 |
| 6 | WEST HAM | 20 | 10 | 4 | 6 | 33-30 | 34 |
| 7 | BRAÝTON | 20 | 8 | 7 | 5 | 38-33 | 31 |
| 8 | M. ÝUNAÝTED | 20 | 10 | 1 | 9 | 22-27 | 31 |
| 9 | NÝUKASL | 20 | 9 | 2 | 9 | 39-29 | 29 |
| 10 | ÇELSI | 20 | 8 | 4 | 8 | 34-31 | 28 |
| 11 | W. HEMPTON | 20 | 8 | 4 | 8 | 30-31 | 28 |
| 12 | BORNMUT | 19 | 7 | 4 | 8 | 28-35 | 25 |
| 13 | FULHAM | 20 | 7 | 3 | 10 | 28-35 | 24 |
| 14 | K. PALAS | 20 | 5 | 6 | 9 | 22-29 | 21 |
| 15 | N. FOREST | 20 | 5 | 5 | 10 | 24-35 | 20 |
| 16 | BRENTFORD | 19 | 5 | 4 | 10 | 26-31 | 19 |
| 17 | EWERTON | 20 | 8 | 2 | 10 | 24-28 | 16 |
| 18 | LUTON TAWN | 19 | 4 | 3 | 12 | 23-37 | 15 |
| 19 | BÖRNLI | 20 | 3 | 2 | 15 | 20-41 | 11 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 20 | 2 | 3 | 15 | 15-49 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 14 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 14 |
| 3 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 13 |
| 4 | Hyn Min SON (Tottenham) | 12 |
| 5 | Jarred BOWEN (West Ham) | 11 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 19 | 15 | 3 | 1 | 40-11 | 48 |
| 2 | ŽIRONA | 19 | 15 | 3 | 1 | 46-24 | 48 |
| 3 | BARSELONA | 18 | 11 | 5 | 2 | 34-21 | 38 |
| 4 | ATLETIKO M | 19 | 12 | 2 | 5 | 39-23 | 38 |
| 5 | ATLETIK B | 18 | 10 | 5 | 3 | 34-19 | 35 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 19 | 8 | 8 | 3 | 30-19 | 32 |
| 7 | BETIS | 19 | 6 | 10 | 3 | 21-20 | 28 |
| 8 | HETAFE | 19 | 6 | 8 | 5 | 24-25 | 26 |
| 9 | WALENSIÝA | 19 | 7 | 5 | 7 | 22-23 | 26 |
| 10 | LAS PALMAS | 18 | 7 | 4 | 7 | 15-15 | 25 |
| 11 | R. WALLEKANO | 19 | 5 | 8 | 6 | 18-24 | 23 |
| 12 | WILÝARREAL | 19 | 5 | 4 | 10 | 27-38 | 19 |
| 13 | OSASUNA | 18 | 5 | 4 | 9 | 21-29 | 19 |
| 14 | MALÝORKA | 19 | 3 | 9 | 7 | 17-23 | 18 |
| 15 | ALAWES | 19 | 4 | 5 | 10 | 15-25 | 17 |
| 16 | SEWILÝA | 18 | 3 | 7 | 8 | 23-25 | 16 |
| 17 | SELTA | 19 | 3 | 7 | 9 | 20-29 | 16 |
| 18 | KADIZ | 19 | 2 | 9 | 8 | 14-26 | 15 |
| 19 | GRANADA | 19 | 2 | 5 | 12 | 22-40 | 11 |
| 20 | ALMERIÝA | 18 | 0 | 5 | 13 | 19-42 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 13 |
| 2 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 12 |
| 3 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 12 |
| 4 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 11 |
| 5 | Artem DOWBYK (Žirona) | 11 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 18 | 14 | 3 | 1 | 42-8 | 45 |
| 2 | ÝUWENTUS | 18 | 13 | 4 | 1 | 27-11 | 43 |
| 3 | MILAN | 18 | 11 | 3 | 4 | 32-20 | 36 |
| 4 | FIORENTINA | 18 | 10 | 3 | 5 | 27-18 | 33 |
| 5 | BOLONÝA | 18 | 8 | 7 | 3 | 21-15 | 31 |
| 6 | ATALANTA | 18 | 9 | 2 | 7 | 29-20 | 29 |
| 7 | ROMA | 18 | 8 | 4 | 6 | 30-20 | 28 |
| 8 | NAPOLI | 18 | 8 | 4 | 6 | 28-21 | 28 |
| 9 | LASIO | 18 | 8 | 3 | 7 | 21-19 | 27 |
| 10 | TORINO | 18 | 6 | 6 | 6 | 15-18 | 24 |
| 11 | MONZA | 18 | 5 | 7 | 6 | 16-18 | 22 |
| 12 | LEÇÇE | 18 | 4 | 8 | 6 | 19-24 | 20 |
| 13 | JENOA | 18 | 5 | 5 | 8 | 19-23 | 20 |
| 14 | FROZINONE | 18 | 5 | 4 | 9 | 23-31 | 19 |
| 15 | UDINEZE | 18 | 2 | 11 | 5 | 18-28 | 17 |
| 16 | SASSUOLO | 18 | 4 | 4 | 10 | 25-33 | 16 |
| 17 | WERONA | 18 | 3 | 5 | 10 | 15-24 | 14 |
| 18 | KALIARI | 18 | 3 | 5 | 10 | 16-31 | 14 |
| 19 | EMPOLI | 18 | 3 | 4 | 11 | 10-30 | 13 |
| 20 | SALERNITANA | 18 | 2 | 6 | 10 | 15-36 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 15 |
| 2 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 9 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 8 |
| 4 | Romelu LUKAKU (Roma) | 8 |
| 5 | Joşua ZIRKZEE (Bolonýa) | 7 |

**S. ARABYSTANYNYŇ ÇEMPIONATY /SPL/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | AL HILAL | 19 | 17 | 2 | 0 | 59--9 | 53 |
| 2 | AL NASSR | 19 | 15 | 1 | 3 | 55--23 | 46 |
| 3 | AL AHLI | 19 | 12 | 4 | 3 | 41--19 | 40 |
| 4 | AL TAAWUN | 19 | 10 | 4 | 5 | 32--22 | 34 |
| 5 | DAMAK | 19 | 8 | 6 | 5 | 35--25 | 30 |
| 6 | AL FATEH | 19 | 8 | 5 | 6 | 33--26 | 29 |
| 7 | AL-ITTIHAD | 18 | 8 | 4 | 6 | 34--26 | 28 |
| 8 | AL-ITTIFAK | 19 | 6 | 7 | 6 | 22--22 | 25 |
| 9 | AL-WEHDA | 19 | 8 | 1 | 10 | 31--34 | 25 |
| 10 | AL HALIJ | 19 | 6 | 4 | 9 | 23--28 | 22 |
| 11 | AL-ŞABAB | 19 | 5 | 6 | 8 | 19--25 | 21 |
| 12 | AL-UHDUD | 19 | 6 | 2 | 11 | 13--25 | 20 |
| 13 | AL RAED | 19 | 5 | 4 | 10 | 24--31 | 19 |
| 14 | AL FAÝHA | 19 | 4 | 7 | 8 | 19--31 | 19 |
| 15 | AL-RIÝAD | 19 | 5 | 4 | 10 | 17--37 | 19 |
| 16 | AL-TAI | 18 | 5 | 2 | 11 | 20--36 | 17 |
| 17 | ABHA | 19 | 4 | 2 | 13 | 22--52 | 14 |
| 18 | AL-HAZM | 19 | 2 | 7 | 10 | 19--47 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kristiano RONALDO (Al Nassr) | 20 |
| 2 | Aleksandar MITROWIÇ (Al Hilal) | 17 |
| 3 | Žorž-Kewin NKUDU (Damak) | 14 |
| 4 | Anderson TALIŞKA (Al Nassr) | 11 |
| 5 | Firas AL-BURAÝKAN (Al Ahli) | 11 |

# «Real Madrid» bilen «Žirona» arany açýar

**Angliýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Liwerpul» öz meýdançasynda «Nýukasly» 4–2 hasabynda ýeňdi. Salahyň 1 penaltini dürs urup bilmedik oýnunda müsürli ýyldyz 2 gol geçirip, 1 goluň pasyny berdi. 151–152-nji gollaryny geçiren Salah «Premier Ligada» bir klubuň düzüminde 150-den köp gol salan 5-nji futbolçy boldy. Soňky 5 duşuşykda 3-nji gezek utulan «Arsenal» London derbisinde «Fulhamdan» öňe geçendigine garamazdan 2–1 hasabynda asgyn geldi. «Fulham» topary 9 ýyldan soň «Arsenaly» ilkinji gezek ýeňmegi başardy. «Mançester Ýunaýtediň» myhmançylykda «Nottingam Forestden» 2–1 hasabynda utulan tapgyrynda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Şeffild Ýunaýtedden» Rodri hem-de Alwaresiň gollary esasynda üstün çykdy. «Luton Tawny» 3–2 hasabynda ýeňen «Çelsi» möwsümdäki 8-nji ýeňşini gazandy. Golsuz tamamlanan «West Ham»–«Braýton» duşuşygynda meýdança çykan Jeýms Milner «Premier Ligada» 632-nji duşuşygyny geçirip, 2-nji ýerdäki Raýn Giggs bilen deňleşdi. Şeýle-de, 2002-nji ýyldan bäri «Premier Ligada» çykyş edip gelýän Jeýms Milner bassyr 23 möwsüm Angliýanyň iň uly ligasynda oýnap, bu babatda Giggsiň rekordyny gaýtalady.





**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Real Madrid» öz meýdançasynda «Malýorkany» kynlyk bilen ýeňdi. Birnäçe pursady elden gideren madridlilere ýeňiş getiren ýeke-täk goly 78-nji minutda Rüdiger geçirdi. «Real Madridiň» söbügini basyp barýan «Žirona» topary hemmäni geň galdyrmagyny dowam edýär. Şu wagta çenli diňe «Real Madridden» utulan «Žirona» çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan ýene bir kluby, «Barselonadan» soň «Atletiko Madridi» hem ýeňlişe sezewar etdi. 7 goluň geçirilen oýnunda «Žirona» 4–3 hasabynda ýeňiş gazandy. «Žironanyň» gollaryny 2-nji minutda Fernandes, 26-njy minutda Swio, 39-njy minutda Blind hem-de 90+1-nji minutda Martin geçirdi. Ýer eýeleriniň her goluna Moratanyň gollary bilen jogap beren «Atletikonyň» ýyldyz hüjümçisiniň het-trigi ýeňşe ýetmedi.

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Jenoa» bilen duşuşyp, 1-1 hasabynda deňme-deň oýnady we 2 utuk ýitirdi. Tapgyryň merkezi oýnunda «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Romany» Rabionyň 47-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňmegi başardy. «Milan» bolsa «Sassuolony» iň kiçi hasap bilen ýeňip, ýer eýelerine ýeňiş getiren goly Pulişiç öz adyna ýazdyrdy. Çempion «Napoli» bilen «Monzanyň» arasyndaky oýundan gol sesi eşidilmedi. «Torinony» Ranieriniň 83-nji minutdaky goly bilen ýeňen «Fiorentina» 4-nji orna beýgeldi. «Udineze» topary öňdäki orunlara ymtylýan «Bolonýa» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Möwsümdäki 2-nji ýeňşini gazanan udinelileriň gollaryny Pereýra, Lukka hem-de Paýero derwezä girizdi. Edil şonuň ýaly, myhmançylykda «Weronany» Çaunanyň ýeke-täk goly bilen ýeňen «Salernitana» hem möwsümdäki 2-nji ýeňşini baýram etdi.

**Saud Arabystanynyň çempionatynda** sanawyň lideri «Al Hilal» myhmançylykda «Al Faýhany» 2–0 hasabynda ýeňip, ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirdi. «Al Taawun»–«Al Nassr» duşuşygynda myhmanlar 4–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, olaryň soňky goluny Kristiano Ronaldo geçirdi. Ol 2023-nji ýyly hemmeden köp — 54 gol bilen tamamlamagy başardy. Çempionata Aziýa Kubogy sebäpli arakesme berildi.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# 2024-nji MILADY we 1445–1446-njy HIJRI-KAMARY ÝYLLARYNYŇ SENENAMASY

| ÝANWAR | | | | | 4 TIRK.4 – REJEP | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | 1 | 19 | 8 | 26 | 15 | 4 | 22 | 11 | 29 | 18 |
| Si | 2 | 20 | 9 | 27 | 16 | 5 | 23 | 12 | 30 | 19 |
| Ça | 3 | 21 | 10 | 28 | 17 | 6 | 24 | 13 | 31 | 20 |
| Pe | 4 | 22 | 11 | 29 | 18 | 7 | 25 | 14 | | |
| An | 5 | 23 | 12 | 1 | 19 | 8 | 26 | 15 | | |
| Şe | 6 | 24 | 13 | 2 | 20 | 9 | 27 | 16 | | |
| Ýe | 7 | 25 | 14 | 3 | 21 | 10 | 28 | 17 | | |

| FEWRAL | | | | | REJEP – MERET | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 5 | 25 | 12 | 2 | 19 | 9 | 26 | 16 |
| Si | | | 6 | 26 | 13 | 3 | 20 | 10 | 27 | 17 |
| Ça | | | 7 | 27 | 14 | 4 | 21 | 11 | 28 | 18 |
| Pe | 1 | 21 | 8 | 28 | 15 | 5 | 22 | 12 | 29 | 19 |
| An | 2 | 22 | 9 | 29 | 16 | 6 | 23 | 13 | | |
| Şe | 3 | 23 | 10 | 30 | 17 | 7 | 24 | 14 | | |
| Ýe | 4 | 24 | 11 | 1 | 18 | 8 | 25 | 15 | | |

| MART | | | | | MERET – ORAZA | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 4 | 23 | 11 | 1 | 18 | 8 | 25 | 15 |
| Si | | | 5 | 24 | 12 | 2 | 19 | 9 | 26 | 16 |
| Ça | | | 6 | 25 | 13 | 3 | 20 | 10 | 27 | 17 |
| Pe | | | 7 | 26 | 14 | 4 | 21 | 11 | 28 | 18 |
| An | 1 | 20 | 8 | 27 | 15 | 5 | 22 | 12 | 29 | 19 |
| Şe | 2 | 21 | 9 | 28 | 16 | 6 | 23 | 13 | 30 | 20 |
| Ýe | 3 | 22 | 10 | 29 | 17 | 7 | 24 | 14 | 31 | 21 |

| APREL | | | | | ORAZA – BAÝRAM | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | 1 | 22 | 8 | 29 | 15 | 6 | 22 | 13 | 29 | 20 |
| Si | 2 | 23 | 9 | 30 | 16 | 7 | 23 | 14 | 30 | 21 |
| Ça | 3 | 24 | 10 | 1 | 17 | 8 | 24 | 15 | | |
| Pe | 4 | 25 | 11 | 2 | 18 | 9 | 25 | 16 | | |
| An | 5 | 26 | 12 | 3 | 19 | 10 | 26 | 17 | | |
| Şe | 6 | 27 | 13 | 4 | 20 | 11 | 27 | 18 | | |
| Ýe | 7 | 28 | 14 | 5 | 21 | 12 | 28 | 19 | | |

| MAÝ | | | | | BAÝRAM – BOŞ aý | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 6 | 27 | 13 | 5 | 20 | 12 | 27 | 19 |
| Si | | | 7 | 28 | 14 | 6 | 21 | 13 | 28 | 20 |
| Ça | 1 | 22 | 8 | 29 | 15 | 7 | 22 | 14 | 29 | 21 |
| Pe | 2 | 23 | 9 | 1 | 16 | 8 | 23 | 15 | 30 | 22 |
| An | 3 | 24 | 10 | 2 | 17 | 9 | 24 | 16 | 31 | 23 |
| Şe | 4 | 25 | 11 | 3 | 18 | 10 | 25 | 17 | | |
| Ýe | 5 | 26 | 12 | 4 | 19 | 11 | 26 | 18 | | |

| IÝUN | | | | | BOŞ aý – GURBAN | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 3 | 26 | 10 | 4 | 17 | 11 | 24 | 18 |
| Si | | | 4 | 27 | 11 | 5 | 18 | 12 | 25 | 19 |
| Ça | | | 5 | 28 | 12 | 6 | 19 | 13 | 26 | 20 |
| Pe | | | 6 | 29 | 13 | 7 | 20 | 14 | 27 | 21 |
| An | | | 7 | 1 | 14 | 8 | 21 | 15 | 28 | 22 |
| Şe | 1 | 24 | 8 | 2 | 15 | 9 | 22 | 16 | 29 | 23 |
| Ýe | 2 | 25 | 9 | 3 | 16 | 10 | 23 | 17 | 30 | 24 |

| IÝUL | | | | | GURBAN – AŞYR | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | 1 | 25 | 8 | 2 | 15 | 9 | 22 | 16 | 29 | 23 |
| Si | 2 | 26 | 9 | 3 | 16 | 10 | 23 | 17 | 30 | 24 |
| Ça | 3 | 27 | 10 | 4 | 17 | 11 | 24 | 18 | 31 | 25 |
| Pe | 4 | 28 | 11 | 5 | 18 | 12 | 25 | 19 | | |
| An | 5 | 29 | 12 | 6 | 19 | 13 | 26 | 20 | | |
| Şe | 6 | 30 | 13 | 7 | 20 | 14 | 27 | 21 | | |
| Ýe | 7 | 1 | 14 | 8 | 21 | 15 | 28 | 22 | | |

| AWGUST | | | | | AŞYR – SAPAR | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 5 | 1 | 12 | 8 | 19 | 15 | 26 | 22 |
| Si | | | 6 | 2 | 13 | 9 | 20 | 16 | 27 | 23 |
| Ça | | | 7 | 3 | 14 | 10 | 21 | 17 | 28 | 24 |
| Pe | 1 | 26 | 8 | 4 | 15 | 11 | 22 | 18 | 29 | 25 |
| An | 2 | 27 | 9 | 5 | 16 | 12 | 23 | 19 | 30 | 26 |
| Şe | 3 | 28 | 10 | 6 | 17 | 13 | 24 | 20 | 31 | 27 |
| Ýe | 4 | 29 | 11 | 7 | 18 | 14 | 25 | 21 | | |

| SENTÝABR | | | | | SAPAR – 4 TIRK.1 | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 2 | 29 | 9 | 6 | 16 | 13 | 23 | 20 | 30 | 27 |
| Si | | | 3 | 30 | 10 | 7 | 17 | 14 | 24 | 21 | | |
| Ça | | | 4 | 1 | 11 | 8 | 18 | 15 | 25 | 22 | | |
| Pe | | | 5 | 2 | 12 | 9 | 19 | 16 | 26 | 23 | | |
| An | | | 6 | 3 | 13 | 10 | 20 | 17 | 27 | 24 | | |
| Şe | | | 7 | 4 | 14 | 11 | 21 | 18 | 28 | 25 | | |
| Ýe | 1 | 28 | 8 | 5 | 15 | 12 | 22 | 19 | 29 | 26 | | |

| OKTÝABR | | | | | 4 TIRK.1 – 4 TIRK.2 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 7 | 4 | 14 | 11 | 21 | 18 | 28 | 25 |
| Si | 1 | 28 | 8 | 5 | 15 | 12 | 22 | 19 | 29 | 26 |
| Ça | 2 | 29 | 9 | 6 | 16 | 13 | 23 | 20 | 30 | 27 |
| Pe | 3 | 30 | 10 | 7 | 17 | 14 | 24 | 21 | 31 | 28 |
| An | 4 | 1 | 11 | 8 | 18 | 15 | 25 | 22 | | |
| Şe | 5 | 2 | 12 | 9 | 19 | 16 | 26 | 23 | | |
| Ýe | 6 | 3 | 13 | 10 | 20 | 17 | 27 | 24 | | |

| NOÝABR | | | | | 4 TIRK.2 – 4 TIRK.3 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 4 | 2 | 11 | 9 | 18 | 16 | 25 | 23 |
| Si | | | 5 | 3 | 12 | 10 | 19 | 17 | 26 | 24 |
| Ça | | | 6 | 4 | 13 | 11 | 20 | 18 | 27 | 25 |
| Pe | | | 7 | 5 | 14 | 12 | 21 | 19 | 28 | 26 |
| An | 1 | 29 | 8 | 6 | 15 | 13 | 22 | 20 | 29 | 27 |
| Şe | 2 | 30 | 9 | 7 | 16 | 14 | 23 | 21 | 30 | 28 |
| Ýe | 3 | 1 | 10 | 8 | 17 | 15 | 24 | 22 | | |

| DEKABR | | | | | 4 TIRK.3 – 4 TIRK.4 | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 2 | 1 | 9 | 8 | 16 | 15 | 23 | 22 | 30 | 29 |
| Si | | | 3 | 2 | 10 | 9 | 17 | 16 | 24 | 23 | 31 | 30 |
| Ça | | | 4 | 3 | 11 | 10 | 18 | 17 | 25 | 24 | | |
| Pe | | | 5 | 4 | 12 | 11 | 19 | 18 | 26 | 25 | | |
| An | | | 6 | 5 | 13 | 12 | 20 | 19 | 27 | 26 | | |
| Şe | | | 7 | 6 | 14 | 13 | 21 | 20 | 28 | 27 | | |
| Ýe | 1 | 29 | 8 | 7 | 15 | 14 | 22 | 21 | 29 | 28 | | |


## TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

### Hormatly telekeçiler!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 27-nji awgustynda çykaran 2406 belgili «Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň milli programma önümlerini döretmek we enjamlaryny öndürmek hem-de satyn almak we ulanyşa girizmek boýunça taslamalaryny maliýe taýdan goldamak hakynda» Kararyna laýyklykda ýeňillikli karzlardan peýdalanmaga çagyrýar.

**Telekeçilere karzlar şu aşakdaky tertipde hödürlenilýär:**

**1.** Milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 2 ýyl ýeňillik döwri bolan 5 ýyl möhlete görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şertlerinde karzlaşdyrylýar;

**2.** Taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy hem-de ulanyşa girizilmegi üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 6 aý ýeňillik döwri bolan 3 ýyl möhlete görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şertlerinde karzlaşdyrylýar.

**Hormatly telekeçiler!** Bu karz hyzmatyndan peýdalanmak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da onuň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**
**+993 12 44-02-65; +993 12 44-03-04**

Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi *www.tnbk.tm* internet sahypasynda ýerleşdirilen.

